**Türkmen politehniki instituty**

**Ä. Gubaýewa**

# Reňkli surat we binagärlik koloristikasy

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat – 2010

**Ä. Gubaýewa,** Reňkli surat we binagärlik koloristikasy.

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby, Aşgabat – 2010 ý.

## SÖZBAŞY

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geljegimiz bolan ýaşlaryň dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim almagy üçin ähli işler edilýär.

Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji gününden bilime, ylma giň ýol açdy, Türkmenistan ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeler geçirmäge girişdi.

Ýurdumyzyň Baştutany hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan köpgyraňly düýpli işleriniň netijesinde medeniýet ulgamynda hem uly özgertmeler amala aşyrylýar. Ata Watanymyzda örän uly ykdysady, medeni, ruhy ösüşler gazanylyp, türkmen döwleti ykdysady we syýasy taýdan berk hem-de kuwwatly döwlete öwrüldi.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Döwlet – adam üçindir!" diýen şygarymyz biziň ideologiýamyzyň esasy bolmandyr, diýip belleýşi ýaly, bu şygar bize Beýik Galkynyş döwrüniň ideologiýasynyň ýol-ýörelgelerini anyklap berdi. Milli intelligensiýanyň, döredijilik işgärleriniň ýeten kämillik derejesi halkyň ruhybderejesini kesgitleýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilin ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär. Okuw maksatnamasy Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarmaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy. Okuw maksatnamasyny taýýarlanylanda ýokary okuw mekdepleriniň

talyplaryna – geljekki binagärlere “Reňkli surat we binagärlik koloristikasy” dersini 1-4 ýarymýyllyklarda doly öwredilip, olaryň hünär ugurlary boýunça ýörite özleşdirmeklerine binagärlik döredijiliginde taýýarlyklaryny üpjün etmek wezipelerinden ugur alyndy. Dersiň maksady.

Dersiň maksady - binagärligiň reňkli görkininiň we surat şekillendirilişiniň emele gelmeginiň kanunlaryny bilýän binagär - koloritçiniň taýýarlanmagy.

Dersiň meseleleri.

Dersiň umumy toplumlaýyn meselesi talyplarda reňk baradaky düşünjänii we çeperçilik medenýeti döretmek “Binagärlik” hünärinde okaýan talyplar üçin esasy ýöriteleşdirilen dersler.

Uçurumyň hünär taýýarlygynda dersiň orny.

ŞekiIlendiriş we koloristik taýýarlyk - binagäriň döredijilik işine täsir edýän,

binagäriň biliminiň esasy düzüjesi. Binagär diňe taslamany çekmäni çyzmany başarman, eýsemreňk bermänem başarmalydyr.

Dersiň mazmunyny öwrenmegiň derejesine bildirilýän taraplar.

Dersiň ununy we tejribe kursy özünde döredijiligiň ähli taraplaryny jemleýär: şekiIlendiriş kompozisiýa we aýdyň - manyly, bu bolsa, talyplara şekillendiriş we taslama işiniň döredijilik prosessiniň guramaçylygynda logiki yzygiderliligi almaga mümkinçiIik berýär.

Şu okuw gollanmasy ýokary okuw mekdepleriniň binagärlik hünärleri üçin niýetlenilenýär.

Dersiň mazmuny

Maksatnamanyň usulyýet esasy – amaly okuw. Nazaryýet ugry her bir temanyň giriş umumy sapaklarynda we gürrüňdeşliklerinde geçilýär:

şekillendiriş sungatynda we binagärçilikde beýan edilmegi üçin surat obrazynyň koloristik alamatlaryny analitiki

ýüze çykarmalary, reňkli görüş kabul edilişiň kanunlary bilen tanyşdyrylýar. Tejribe gönükmeler natýurmort görnüşde,

hakyky görnüşleriň şekillendirmelerinde we formal kompozisiýalarda geçirilýärler.

Dersiň bölümleri. Reňkli surat we binagärlik koloristikanyň esasy kursy iki derejeli maksatnamadan durýar: birinji - şekillendirilişiň kanunlaryny we onuň kompozisiýa usullaryny öwrenmäge bagyşlanan; ikinji – suratçylyk kompozisiýanyň, reňkli binagärçilik grafikasynyň we binagärçilik koloristikanyň üstünde işlemeginiň işine bagyşlanan.

Ders 4 bölümden durýar:

1 bölüm. Şekillendiriş serişdeleri we kompozisiýanyň esaslary; reňkli surat we binagärlik koloristikanyň tilsimaty materiallary we gurallary.

2 bölüm. Reňkli surat we binagärlik koloristikada kompozisiýa işiniň esaslary. Görnüş adaptasiýalaryň we hyýallaryň kanunlary. Kompozisiýa guru1malaryň 3 sany esasy görnüşleri: tekizlik, göwrüm, giňişlik.

3 bölüm. Reňkli kompozisiýada koloristik obrazy, görüş duýgularyň we baglaşmalaryň kanunlary, reňk gatnaşyklaryň duýgy mazmuny.

4 bölüm. Koloristik ussat1ygy we döredijilik tejribesi.

# BÖLÜM I. REŇKLI SURAT

## 1.Giriş.

Reňkler taglymaty baradaky şu gysgajyk synda reňk tebigatynyň düşündirilişiniň dürli äheňde tapawutlanýan esasy üç döwrüni getirip gökezse bolar. Birinjisi – tebigy hadysalara takyk ylmy çemeleşmäniň ýoklygy bilen häsiýetlenýän döwür; ikinjisi – aýry – aýry bölümleriň hususy ylmy öwreniliş döwri we üçünjisi – ylmy sistemalaryň öwreniliş döwri.

Antik Gresiýada reňk bilen ýagtymlygyň arabaglanyşygynyň barlygyny eýýäm bilýän ekenler.

Reňk baradaky taglymatda gadymy alymlar ýagtylygy bilen garaňkylygy, gara bilen agy gapma – garşy goýulypdyrlar. Elbetde olar şu iki çet – gyraky polhoslaryň aralygyna ähli reňkleriň gaplananlygyna gürrüňsiz göz etiripdirler, ýöne şol hadysanyň häsiýetini takyk şöhlendirip bilmändirler.

Grek akyldarlary göz-görejiň, görüşiň tebigatyny dürli görnüşde düşündiripdirler:

Demokrit – töwerekdäki zatlarda atomyň barlygyny çaklap, şolardan gapýan şöhle göze düşüp, göreçde şöhlelenip, şol zatlaryň şekilini döredýär diýip düşündiripdir;

Ewklid bolsa gözüň hut şonuň üsti bilenem görüş duýgusyny döredýär diýipdir;

Nýuton reňkleri bölüşdirýär. Optiki prizma gün şöhlesini bölüşdireninden soň döreýän reňk zolaklarynyň tebigatyny ilkinji bolup, ylmy jähtden düşündiren Isaak Nýutondyr. Ol günüň ak şöhlesi döwülenligiň dürli güýçde bolan ýagtylykly şöhlesiniň toplumydyr diýip çaklapdyr, şeýle ýagtylyk şöhlesiniň her birisi diňe özüne mahsus bolan reňk duýgusyny döredýär. Ak reňk aýna prizmanyň içinden geçende, ol ýönekeý reňk şöhlesine bölünýär. Linzanyň bölüşdiren reňkleri şöhleleri toplaýjy linzalardan ýamaşgan geçirilende, olar ýene

şol öňki ak reňk emele getirýärler. Ahyram reňkli şöhleleri ikinji prizmadan geçiri, Nýuton mundane aňryk şolaryň bölünmeýänligini anyklapdyr. Ol ilkinji bolup reňkleriň spektoryy tegelek forma görnüşinde ýerleşdiripdir. Ol şol spektorda saz oktawasynyň (owazynyň) edi basgançagyna çalymdaş, edi bölegi görüpdir. Ol gyzyl ýa-da ýaşyl şöhleler barada guruň etmän, gyzyl ýa-da ýaşyl reňkleri duýduryan ýagtylyk şöhleleri barada aýdypdyr.

Fizik alymlar, Nýutonyň sarpaly işlerine salgylanyp, şonuň "ak ähli reňkleriň toplumydyr" diýip öňe süren pikirini ýeketäk dogry taglymat diýip belläpdirler. Pigmentleriň gatyşyp – garyşmasynyň netijesinde, ýagny reňkleriň ýoýulan häsiýetiniň "arassa dälligi" bilen düşündiripdirler.

Ostwaldyň döreden "Reňkleriň giňişlikde ýerleşişi" diýen shemasy:

Reňkleriň takyk ylmy sistemalaşdyrylşynyň başlangyjjyny goýan Ostwaltdyr. Onuň esasy barlaglary fizika jümmüşleri bilen baglanşyklydyr. Ostwald, reňk täsiriniň we tolkunyň uzynlygynyň arabaglanşygynyň takyk ölçeglerini geçirip, reňki boýunça iki dürli ýagtylyk akymlarynyň goşmaça spectral reňklerini gorjaşdyryp, reňkleriň 24-bölünmedäki goşmaça alamaty boýunça reňk tegelelgine ýerleşdiripdir

Arassa reňkleriň ählisi Ostwald "absolýut" diýen ady girizipdir. Ol reňkleriň ählisini ýönekeý geometric görnüşli sistemada düşünmäge çalyşypdyr. Ostwald üç sany aýratynlygy (häsiýetlenilşi), hut öz aýtmagyna görä reňkiň täsirinden "üç dürli ulylygy" görüpdir. Şol ulylyklar bilen islendik reňki häsiýetlendirip bolýar: V – absolýut (arassa) reňk, W – ak reňkiň üleşi (paýy) we S – gara reňkiň meýdanlary. Şol üç ulylygyň başlanşygyny Ostwaldyň, reňk göwresiniň uzboýa kesileni hökmňnde "ýeketonally reňk üçburçlygy" diýilip atlandyrylýan deňtaraply üçburçlyk hökmünde göz öňüne getirse bolýar.

Deňulylykdaky koordinatlar aýry-aýry ýagdaýlarda gara ýa-da ak reňkleriň absolýyut deň üleşgini aňladýar. Birreňkli reňl üçburçlygynyň içinde Ostwald:

Absolýut ak reňkiň nokadyny – W;

Absolýut gara reňkiň nokadyny – S;

W-S liniýada neýtral hatary;

W-V liniýada "Ýagtydan arassa" reňkleri;

S-V liniýada "arassa gara" reňkleri;

Içki meýdanda hemişe bulanyk çalşuw garyndyly görüp bilipdir.

## Reňkleriň adama fizilogiki täsiri

Gyzyl-gyjyndyrýan, ýyladýan, hereketlendirýän energiýaly, içiňden geçýän.

Sarymtylgyzyl – rahatlandyrýar. Gyzyl reňkiň täsiri ýaly ýöne gowşagrak.

Sary – fiziologiki gerekli has ýatyrýan.Göz görüjini we nerwini kadalaşdyrýar.

Ýaşyl – fiziologiki gerekli görüji organa endik.

Asman gök – rahatlandyrýar, gan dawleniýasynyň kuwwatyny peseldýär, ýürek urşyny kadalaşdyrýar we dem alyş ritmi peseldýär.

Goýy gök – rahatlyk hereketi eziji häsiýete geçýär.

Mawy- gyzyl we goýy gök sazlaşygynyň effekti nerw sistemany eziji ýagdaýa getirýär.Görüji organyň häsiýetlerini beýleki duýuş organlaryny gyjyndyrýar; eşdiş, tagam, ys alyş.

## 2. Reňk bilen işlemek

Reňkler dürli hilli bolyarlar: guaş, akril, ýag erginli we akwarel reňkler. Ilki bilen reňk tanyşlygy akwarel reňkidir. Emma guaş ýa-da ýagda eredilen reňkler bilen işleýän

suratkeşleriň akwarel reňk bilen işläp bilýän diýäýjegine az duş gelýäris.

Akwarel – fransuz sözünden “aguarelle”, latyn sözünden “aguasuw”; iňlis water colour, nemes. Suwly boýaglar – baglaşdyryjy madda hökmünde ösümlik ýelimli we bu boýaglar bilen suratçylyk akwareli pigmendiň çalynşy we ýelmenýän maddalaryň uly mukdary tapawutlandyrýarlar (ýelime, baly, şekeri, gliserini goşýarlar). Akwarel gaty (plastikalr görnüşde), ýarym ýumşak (keramiki gaplarda) we ýumşak (týubiklerde) bolup bilýär. Bu tilsimatda ýerine ýetirilen eserleri hem akwarel diýip atlandyrylýar. Akwareliň aşaky görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: lessirowkalarda esaslanan, ak reňk ulanylmadyk akwarel – dury we binaly tilsimat –suwly boýaglaryň ak reňkiň ulanylmagy bilen üstini ýapýan.

Akwareliň esasy aýratynlygy kagyzyň fakturasy bildirýär. Akwarel tilsimatynyň birnäçe usullary belli bolan: galam bilen taýýarlanan surat bilen ýeňil dury gatlagy bilen birleşmegi (akwarel suraty) akwarel bilen gury kagyz boýunça işlemek, kontur suratynyň çotka bilen geçirilmegi we onuň bilen kölegeleriň taýýarlanylşy (“italýan” akwarel).ş

Suw bilen suratçylyk gadymyýetde we orta asyrlarda belli bolan emma, arassa akwarel 15-16 asyrlaryň ahyrynda ulanyp başlandy.

**Akwarel** - suwda eredilip çekilýän reňk. Onuň bilen kagyzyň ýüzüne belkanyň ýa-da kolonogyň guýrugynyň gylyndan ýasalan ýumşak tüýli kistler arkaly surat çekilýär.

Gaty gylly kistler diňe ýapa eredilen reňkler bilen işlemäge ýaraýar.

Egerde sen akwarel bilen surat çekmeli diyen netijä gelen bolsaň onda saňa reňk we kistden başgada, uly banka guýulan arassa suwam gerek bolar (suwy oňardygyňdan köpüräk çalyşyp dur) "Palitra"- garyan reňkleriniň öwüşginini barlamak üçin kagyz bölejigi.

Işe başlamazdan öňürti kagyzy gubka bilen mazalyja öllemeli we çalygýança garaşmaly. Şonda çalan reňkiň endigan düşer.

Akwarel reňk goýy bolmazlygy üçin kisti ilki arassa suwa batyrmaly. Kistleriň ujy dürli ulylykda bolmaly. Kistler kagyzyň yüzüniň reňklenmeli yeriniň möçberine görä saýlanylýar. Uly ýer üçin uly kisti, owunjak taraşlanan bellikler üçin kiçi kisti ullanmaly.

Kistler san belgili bolyarlar san näçe uly bolsa kist uly bolyar, az bolsa kiçi bolyar.

Käte suratyň esli ýerine bir dürli reňk çalmaly bolyar. Şeyle ýagdaýda aýratyn gapjagazda belli möçberde gerekli reňk garylýar we ullanýakaň her batyranyňda bulap durmaly.

Akwarele bir azajyk guaş goşubam işlemek bolyar. Ýöne beýtsek akwarel özüniň esasy alamaty-durulygyny ýitirýänligini ýatda saklamaly.

Soňky döwür akwarel galamlar yörgünli boldy. Akwarel galamlar bilen çalynan reňk galamy gatyrak bassaň has ýagtyrak görüner. Soňra suraty çygly kist bilen ýa-da öl gubka bilen taraşlap bolyar. Döredilýän reňki köp gezek gaýtalap çalyp lejini çykaryp durmaly däl.



**Akwarel çotkalaryň görnüşi**



**Akwarel reňkinde ýerine ýetirilen “Bägüller”**




**Akwarel galamlaryň görnüşleri**



**Guaş reňkinde ýerine ýetirilen “Güller”**

Umumy maslahatlar:

- Çeken suratynyň iň gara we iň ýagty ýerini tapmaly.
- Bir bada 3 reňkden köp reňk garmaly.
- Reňkiň garaňky ýerleri gurandan soňam durulygyny saklamapa çalyş. Onuň yüzi tutuk öçügsi bolmazlygyny gazanmaly.
- Açyk reňkden gara reňke geçilýärkä gerek reňkiňden ýagtyrak reňk çalmaly -soňra ýagty ýerini isläniňçe garaltmaga mümkinçiligiň bolar.
- Kistiň reňk çalan ýeri jisimiň şekilini ýada ony gurşayan daş töweregini ýüze çykaryp görkezmeli.
- Reňke doly batyrylan kist bilen çalynan reňk kagyzyň ýüzünden akdyrylmaly yada çalt guramaly daldir.
- Öňürti çalynan reňki zaýalap hapalamazlyk üçin gaýtalap çalynýan reňkiň öňki çalynan reňk gurandan soňra çalynmaly.
- Aýratyn her bir nokadyna üns bermän suratyň umumy sekili barada oýlanmaly.




**Reňk palitrasy**

Guaş we akril reňklerem akwarel ýaly suwda eredilip garylýarlar. Ýagly reňkler üçin bolsa erediji suwuklyk ýada çeperçilik sungatynda ulanylýan ýaglar gerek bolýar. Ýagda ereýän reňkler gysylyp çykarylýan gapjagazlarda saklanýar.

Olary gapagy açyk ýagdaýda saklamak bolmaýar sebäbi olar çalt guraýarlar we surat çekmäge ýaramaýarlar.

Işe başlamazdan ön ýagda ereýän reňkleriň gereklisini politra gysyp çykarmaly. Olar bilen ine dördül edip ýasalan we ýüzi hek garyntgyly bulamak bilen gatadylan ýörite dokalan matanyň, ýada galyň kartonyň ýüzünde işlenilýär. Taýýar işi ýöriteleşdirilen lak bilen örtýärler.

## 3. Ýyly we sowuk reňkler

Alymlar adamzadyn gözi jisimlere düşürilýän ýagtylygyň we olaryň şöhläni gaýtaryşyna baglylykda reňkleri her kimiň gözi özüçe kabul edýänligini aýdyarlar.

Esasy reňkleriň sany 7. ol reňkler älemgoşaryň belli reňkleri: gyzyl, mämişe, sary, ýaşyl, mawy, gök, syýa. Emma bu reňkleriň öwüşginleri welin diýseň kän. Meselem ýaşyl reňk izmrud bolup biler ýada ot reňkem bolup biler. Adaty biz iki öwüşginem "ýaşyl" diyip atlandyryarys.





Islendik reňk ýyly ýada sowuk bolup biler.

Reňkiň sowuk ýada ýyly öw üşgini başga reňk näçe garylanyna bagly bolyar. Egerde mämişe reňke sary reňk

garsaň ol sowuk görünýär egerde gyzyl goşsaň welin ýyly görünýär.

Jisimlere düşýän şöhle hem sowuk ýada ýyly öwsüp biler. Egerde sen öýde otyrkaň daşarda tukat gün bolsa onda aýnadan düşýän ýagtylyk sowuk görüner. Yagty günli howa bolsa welin gyşam bolsa günüň şöhlesi ýyly görüner. Sowuk şöhle bilen ýagtylandyrylan jisimiň şöhle düşýän ýeri sowuk görünsede kölegeli ýeri ýyly reňkde görüner. Jisimiň öz kölegesiniň düşýän ýerem edil şolar ýaly ýyly görüner. Jisime ýyly şöhle düşürilen ýagdaýynda ondan düşýän kölegäniň reňki edil ýokardaky ýaly ýyly görüner. Egerde ýagty günli howada daşarda duran bolsaň, günüň şöhlesi gyşynada, ýazynada ýyly görüner, jisimlerden düşýän kölegeler bolsa sowuk görüner. Gamaşyk gün daşary sowuk görüner, emma kölegeler tersine ýyly görüner.

Şeýlelikde islendik reňk öwüşgüne mahsusdyr. Reňk öwüşginleri diyseň baý we dürlidirler.

## 4. Reňkleriň kybapdaşlanmagy

Suratçylar, dizaýnerler we modaçylar aşakdaky kybapdaşlyklary teklip edýärler.

Gyzyl - ýaşyl, çal, gök. Gyrmyzy - açyk-mawy, ýaşyl. Mämişe - syýa, öçügsi-mawy, ýiti gök. Çigildem reňk - syrçaly-çal, bägül syýa reňk. Goyy bägül reňk -mawy reňkiň dürli öwüşginleri. Ýaşylyrak sary, öçügsi - bвgül, gyzymtyl mawy. Gara gyzyl gyzymtyl gara, gaty mawy, mele. Goňras bägül - mawy, süňk reňk. Sary - syýa mawy ýaşyl. Öçügsi bägül - hyýar reňk, öçügsi syýa, mawy. Öçügsi-sary - ýagty syýa, öçügsi ýaşyl. Altyn reňk - ýagty çal, ýaşyl, gaty gyzyl. Öçügsi mawy - öçügsi syýa, öçügsi sary. Çalymtyl ýaşyl (deňiz tolkunynyň reňki) - mawy gül reňki, mämişe. Goýy syýa - mämişe, çal. Gonur - mämişe, gyzyl, mele. Öçügsi ýaşyl - goyy ýaşyl, syýalandyrylan bägül reňk. Çalymtyl mawy - gyzgylt,

çal. Öçügsi syýa ýaşyl, çal, bägül reňkiräk syýalandyrylan. Bägül reňk - syýa syrçaly ýaşyl, goýy gyzyl.



**Iki reňkiň kybapdaşlanmagynyň öwüşginleri**



**Reňk we kontrast**



**Reňk spektry**

## 5. Ýalpyldylar we duýgylar

Her jisimiň öz keşbini we öz reňki bolyar. Ol reňk esasy hasaplanýar (lokal-şol jisime aýratyn mahsus) meselem ýeňsiziň - ýaşyl, köýnegifi gyzyl. Emma jisimleriň reňkleri hemişe we hemme ýagdaýda bir dürli meňzeş bolmayarlar. Ol ýagtylyga, töweregindäki jisimleriň reňklerine we ş.m bagly bolyar.

Adata görä jisimiň reňki ýagty öwüşginden gara öwüşgine öwrülýär. Bu öwrüşilik kagyz yüzüne geçirilen ýagdaýynda suratlandyrylyan zadyň göwrümi peýda bolyar.

Adamyň gözi ýagtylyk täsir etmeýän ýerinde ýada (onuň ýok ýerinde) jisimiň esasy reňkini görýär.

Jisimiň ýiti ýagtylyk düşýän böleginde biz ýalpyldy görýäris - bu jisimden döwülip yzyna gaýdýan şöhläniň ýagty

reňki. Garaňky böleginde - duýulyan reňk, bu hälki döwülip yzyna gaýdyan şöhleden düşýän ýagty reňkiň öwüşgüni.

Kä halatda ýalpyldy we duýulýan reňk ýiti aýdyňlaşdyrylýar, käte çalaja görünyär. Bu jisimiň örtgisine bagly bolyar-onuň ýüzi tutuk yada ýylmanak bolsa, ol şöhläni şol derejede yzyna gaýtaryp bilýär.



Ýalpyldy düşýän ýerlerini reňklemeseňem bolyar. Egerde atdanlykda ýalpyldamaly ýeri çyrşalan bolsa, onda ol ýerini kagyzyň ýüzünden ýükajyk gatyny almaz bilen soýup aýyrmaly. Duýgylar (refleksler) peýda bolyan ýerleri ayan görünmeýär. Şonuň üçin olaryň ýanaşyk ýanynda sary we gyzyl reňkler ýerleşdirip gör. Olaryfi galtaşýan çäginde gyzyl reňk hökman mämişe öwrüler. Şeýle öwüşgine bir jisimiň reňkiniň kölegesiniň beýleki jisime düşende berýän öwüşginine duýgy reňki ýada (refleks) diyilyär.

## 6. Döredijilik ugry (žanr)

Şeýlelikde seniň öňüňde ak tagta kagyz indi sen nämäniň suratyny çekmek isleýänligini belli etmek möhleti gelip yetdi. Şeýdeňde seniň çekjek suratyň haýsy ugurda dörediljekligi aýdyň bolyar.

Natýurmortda esasanam - janlandyrylmadyk zatlar: güller, miwe we bakja önümleri, haýsam bolsa bir esbap yada gap-çanak şekillendirilýär.

Peýzaž - tebigatyň yada şäher gönüşleri beyan edýär.

Portret - tomaşaçyny adamyň ýada binäçe adamyň keşbi we hasiyeti bilen tanyşdyrýar.

Başgada ugurlar bar: animalistik (janly jandarlaryň keşbi), bytowoý (gündelik durmuş sahnalary) taryhy we dessany (dessanlar, ertekiler we hadyslardan sahnalar).

Suratda döredijilik ugurlaryň garyşdyrylýan wagtlaram duşýar. Meselem portret natýurmort bilen utgaşdyrylýar. Emma haýsam bolsa bir ugur agdyklyk etmeli!

Kompozisiýa we sýuzet (keşb ýerleşdiriliş we many) suratda janly zatlar çekilen bolsa olara personaž diyilýär. Erteki gahrymanlary, janly jandarlar, seniň dostuň hat-da towuk aýagynda ýerleşdirilen ertekidäki kepbe, egerde ol aýakgap aýaga geçip hereket edip duran bolsa personaž bolup bilerler. Keşblerin yerleşişi (kompozisiýa) - bu kagyz tagtanyň yüzünde persanažlaryň we jansyz zatlaryň ýerleşdirilişidir.

Egerde sen bir kagyz tagtanyň yüzünde kän wakany suratlandyrjak bolsaň çoçgara çolaşarsyň. Haýsam bolsa bir zat saylap almaly. Şolam seniň suratyň manysyny aňladar.

Kagyzy dikligine ýada keseligine ullanmagy çekmeli suratyň manysyna we onuň kompozisiýasyna bagly bolýar. Indi çekilmeli suratda esasy görkezmeli keşbiňi belli edenden soň galam bilen onuň suduryny kagyzyň ortasynda ýerleşdirmeli.

Ähli ölçegleriň utgaşyşyny kä ýerlerini barlap düzedenden soň gutarnykly sünnäleýiş işine geçmek bolar.

Suratdan gözüni aýyryp soňra ony birinji gezek görýän hököminde syn etmeli. Seredeniňde ünsiňi bir bada çeken keşp, ortada ýada bir çünkde ýerleşipmi?

Egerde ortada bolsa onda sen keşbleriň kompozisiýasyny dogry alyp bilipsiň.

Suratda artykmaç zatlar bolmaly däl. Artykmaç zady seljermek üçin şol zadyň keşblendirilen ýerini kagyz bölejigi bilen ýapyp gör.

Eger umumy many üýtgemän eýsem yönekeýleşmek bilen gowulanýan bolsa onda ol zadyn keşbini öçürip aýyrmaly.

Emma mana zyýan ýetýän bolsa, onda ol keşbiň möhümligi ýüze çykyar.

Suratyň manysy tomaşaçylara düşünikli bolmaly.







**Tebigat žanry**





**Natýurmort žanry**



**Metjidiň şekili**

**Metjidiň kontrast gönüşinde şekili**



**Metjidiň kontrast gönüşinde şekili**





**Animalistik žanry**



**Portret žanry**

## 7. Keşp (figura)

Biz näme üçin öz tanyşlarymyzy aýyl-saýyl görmesegem daşdan tanaýarys. Sebäbi olaryň yörişinden we keşp kybapdaşlygyndan ony çak bilen aňyarys.

Proporsiya (kybapdaşlyk) - bu jisimleriň biri birine görä ölçegdir.

Şeýle bolsa keşp kybapdaşlygy - bu personažyň (suratlandyrylyan jandaryň) beden agzalarynyň biri birine görä bolan ölçegir.

Erteki gahrymanlarynyň keşp kybapdaşlygy adaty jandarlaryň agzalaryndan gaty saýlanyar emma surat düşüniksiz bolmaz ýaly derejede ulaldylýar ýada kiçeldilýär.

Üýtgeşik keşpli gahrymanyň hereketlerem üýtgeşik gelýärler. Muny geň görünişde suratlandyrmak mümkin.

Elbetde adam strukturasy deň ölçegli bolýar. Emma suratda onuň elleri ýada aýaklary köplenç deň görünmeýär, sebäbi adamyň bedeni adaty gözýetime görä şekillendirilýär.

Adam keşbiniň şekili onuň oturyşyna, seniň seredýän nokadyňa we gözyetimiň kese çyzygyna bagly bolyar.



## 8. Kybapdaşlyk ölçegi

Orta boýly adam keşbiniň kybapdaşlyk ölçegi şu aşakdakylardan ybarat bolýar:

- adamynyň kellesi onuň boýunyň ýediden bir bölegine barabar;
- tirsegi biliniň derejesinde bolýar
- aýasy yüzüniň uzynlygyna deň bolýar
- aýak yzy kellesiniň uzynlygyna deň bolýar
- gözleriniň arasy bir gözüň uzynlygyna deň bolýar
- burny yüzüniň uzynlygynyň 3,1 bölegine deňdir
- gulagynyň ýokarysy gaş bilen bir derejede, aşagy burnynyň ujynyň deňinde bolýar.

Gahrymanyň (personažyň) keşbiniň sudury onuň süňküniň duruşyna (saklanan hereketine) we gahrymanyň ölçegini hem-de göwrümini kesgitleýän töwerek ýada tegeleklerden ybarat bolýar.

Soňra ýagtylyk düşirilýän nokada görä kölegeleri belläp çykmaly.

Ondan soňra aýratyn nokatlary sünnälemeli.

Suraty şeýle yzygiderlikde çeksen seň gahrymany özüňe menzeş we takyk, tanalar ýaly edip şekillendirip bilersiň.



**Barelýef. Arabaçy**

## 9. Gözýetim (perspektiwa)

Gözýetim (perspektiwa) hadysasyna sen gaty belet bolmaly: jisim senden näçe daşlykda bolsa ol şonçada kiçi görünýär.

Jisim gözýetimiň çyzygyndan ýokarda ýada aşakdalygyna baglylykda jisimiň görünişem dürli hili bolýar.

Gözýetimi aňladyan çyzyk gözüň derejesinde ýerleşdirilýär.

Egerde jisimiň senden daşlaşýan çäklerini dynman dowam etdirseň onda olar gözýetimiň çyzygynda belli bir nokatlarda birleşerler.

Egerde surat üçin gözýetim çyzygy ýokardan alynan bolsa onda jisimiň ýokarysy görüner, emma gözýetim çyzygy aşak bolsa onda jisimleriň aşagy görüner.

Diyseň uly çäkli meydany görkezmeli bolanda gözýetim çyzygy ýokarydan alynýar.

Uly göwrüm ýada agyrlyk duýgysyny döretjek bolsaň welin gözýetim çyzygyny aşakdan almak gerek.

Ähli şekillendirilýän zatlar hiç bir sebäpsiz howada gaýyp yören ýaly çekilmän eýsem ýerin, polun ýada stoluň üstünde görkezilmeli.

Şonuň üçin jisimlerinem we olaryň yerleşýän çäklerinem bir nokatdan görünişini suratlandyrmaly.

Çekilýän zatlaryň özara ýerleşdirilişine uly üns bermeli. Meselem sagdaky suratda sygyr bilen pyşdyl ýerlikli ýerleşdirilmändirler.

Egerde gahrymanlardan birisi beýlekisine gabat bolmak bilen yzyndaky bitewi görünmeýän bolsa onuň zyýany yok. Beýle bolanda gaýta gahrymanlaryň öz ara has ysnyşykly hereket etmegi bilen surat hasda çyzykly görüner.



**Ýoluň perspektiwasy (aýdyň görnüşi)**



**Köne-Ürgenç minarasy**

## 10. Şekillendiriş materiallaryň tehniki aýratynlyklary

Guaş – suw bilen suwudylýän reňk. Onuň ady italýan "guaçço"-çyg sözünden gelip çykýar.

Guaş reňkleri suw ýelim baglanyşdyryjyly (kamed, dekstrin, gliserin, öküz ödi, fenol, alizarin ýagy) mineral we organiki pigmentleriň külke garyndysyndan edilýär. Akwarelden tapawutlylykda, guaşa has az yelim goşulýar.

Gadymy ussatlar guaşy akwarel bilen bilelikde ýagty ýerleriň ýapyjy korpus reňki hökmünde ulanypdyrlar. | Kölegeli ýerlerde ol lessirleýji akwarel bilen gowy saztaşýar, yzky planlarda ony ýumşak reňk üýtgeşiklerini we geçişlerini ýüze çykarmak üçin ulanyarlar.

Dok reňkli. akwarelden guaşyň üýtgeşik tarapy, onuň agymtyk görnüşidir. Guaş bilen ýerine ýetirlen işler öz ýalpyldysyz yumşak görnüşi bilen häsiýetlenýärler. Guaş çotga bilen ahsat alynyp, kagyzda tegmil galdyrman tekiz goýulmalydyr.

Guaş bilen işlenilendele reňkleri biri-biriniň üstüne korpuslaýyn ýa-da gat bilen goýup garýarlar. Galyň gatlar jaýryk atyp bilerler. Guaş guranyndan soňra ýene-de suw bilen ýuwulyp biler. Düzedişler girizilende täze reňk gatlagy öňki gatyň üstüne çalynyar we aşaky gatlagy doly ýapýar. Öz döredijilik işlerinde suratçylar hem guaş ulanýarlar. Şeýle hem guaş amaly - haşam sungatynda, diwarlyklarda we bezeg işlerinde giňden ulanylýar.

Şekillendiriş materialy hökmünde guaş XX-nji asyryň 20-nji ýyllarynda binagärlik grafikasynda giňden ulanylýardy. Şol döwürde häzirki zaman, binagärlige laýyklykda onuň bilen işlemegiň özboluşly tehnikasy hem emele geldi – materiallyk, lakonizm, tekizlik, iri tegmiller bilen işlemek usuly. Guaş kombinirlenen tehnikada hem köp ulanylýar. Kombinirlenen tehnikada dürli materiallaryň ulanylmagy taslamany has hem janlandyrýar. Dürli materialiaryň ulanylmasy, taslamanyň

mazmunyny, gurulyşdan soňraky görnüşini has açyk görkezýär.

Iş prosesinde temperany süýt ýa-da kazeinýag emulsiyasy bilen garýarlar. Suwuň garylmagy jayryklary emele getirip biler.

Binagarlik grafikasynda temperany dürli relýef fakturalaryny (beton, agaç) emele getirmek üçin hem ulanýarlar. Munun üçin ona çäge, agaç ýonuşgasy we ş.m. goşulýar.

**Galam.** "Galam" – sözi "gara daş" diýmegi aňladýar (türki dillerden).

XIII-nji asyrda metal, galamlar döreýär - gurşundan, kümüşden, hatda altyndan hem simler häzirki reýsfederleri ýatladýan demir gaplara salynypdyr. Bu galamlaryň bahasy gymmat, hili bolsa kanagatlanarsyz bolupdyr (kagyzda solak yz galdyrypdyrlar). XVI-njy asyrda Angliýada grafit tapylýar we galam ýasamakda ulanylyp başlaýar. Häzirki zaman galamy XVIII-nji asyryň soňunda fransuz alymy N.Konte tarapyndan oýlanyp tapylýar, ýasalyş tehnologiyasy bolsa çeh I.Gartmut tarapyndan tapylýar.

Galamlar gatylygy we öwüşgini boýunça dürli-dürli bolyarlar; grifeliniň formasy boýunça – tegelek, dörtburç, süynmek; agaç daşynyň formasy boýunça tegelek, altyburçlyk, süyri tegelek; niýetlenişi boýunça

mekdep, surat, kanselýariýa galamlary; ýazyş häsiýedi. boýunça – grafit, göçürme, çyzgy galamlary.

Galamyň gatylygyny T harp bilen, ýumşaklygyny M harp bilen görkezýärler. Gaty galamlar (T, 2T, 3T) çyzgy çyzmakda ulanylýar, ýumşak galamlar (M, 2M, 3.M, 5.M) surat çekmek üçin ulanylýar. Suratçylar örän gara we ýumşak bolan "italýan', "negnr” galamlaryny ulanýarlar. Sangina we pastel galamlaryň aýratyn görnüşleridir.

Galamyň görnüşi, grafiki meseläniň hasiýetine laýyklykda saýlanýar. Çyzgyny tuş bilen geçmezden, öň, ilkinji tapgyrlarda ony çyzgy galamy bilen çyzmaly.

**Sous.** Binagärlik çyzgylarynda we suratkeşlikde ulanylýan galamlaryň içinde möhüm orunlaryň birini eyeleýär. Tegelek gara, gonur we çal steržen görnüşinde bolýar.

Sous aňsat tuşlanýar. Onuň galyň, gara çyzygyny suwly çotga bilen ýuwup? akwarele hem menzedip bolýar.

**Pastel.** "Pastel" sözi, italyan “pasta", ýagny "hamyr" sözünden gelip çykýar. Dçrli rewkli poroşoklardan, mineral pigmentlerden we dolduryjylardan (hek, kaolin, blanfoks, kömürturşy magniy we ýelim) hamyr edilip, tegelek, galam görnüşli taýajyklar ýasalýar.

Açyk reňkli we reňkiniň üýtgeşik ýumşaklygy üçin pastel reňkli suratyň özbaşdak bir görnüşidir. Pasteliň ýumşaklygy, onuň kagyza çyzylanda, pigmentleriniň ýagtylygy dürli taraplara ýaýralmagy bilen düşündirilýär. Pastel tehnikasy önden belli bolupdyr. Leonardo da Winçi hem öz işlerinde pasteli ulanypdyr XVIII-nji asyryň ussatlary pasteli onuň ýumşaklygy, reňkiniň dolylygy we kümüşsew öwüşgini üçin halapdyrlar. Bu döwür pastel reňkli suratynyň ýokary galan döwrüdir. Täze, aýratyn berkidiji (poliwimnasetat ýelimi) tapylanyndan soňra pastelde ýerine ýetirilen – suratlar örän uzak wagt saklanýar. Pastel, bilen çekilen suratlar uzak ýyllaryň dowamynda öz durkuny üýtgetmän saklaýar, günde ýanmaýar.









**Reňkli galamlar.** Bmagärlik grafikasynda reňkli galamlar bilen ýerine ýetirilýän reňkli sudur, özbaşdak şekillendiriş ugury hökmünde kabul edilýär. Reňkli sudur, flomaster galamalar, reňkli tuş we akwarel hekleri bilen ýerine ýetirilip biler.

Taslamanyň eskizy ýerine ýetirilende gury we çyg kagyzda işleýiş tehnikalaryny birleşdirip dürli grafiki netijeleri almak mümkin.

Ol kagyzda çotga bilen ýerine ýetirilýän iş uly tekiziikleri ýapmaga, suraty düzetmäge, sudurlary ýumşatmaga mümkinçilik berýär.





**Reňkli suratda ulanylýan gurallar we esbaplar**

**Sangina.** Sangina ýumşak, galyň we daşy agaç gapsyz gyzylymtyl-gonur reňkli* emelei galam. Onuň düzümine ýer pigmentleriniň garyndysy we laýyň ýörite gömüşleri girýär.

Sangina bilen surat çekiş usuly, kömürinkä meňzeş, emma sanginanyň ştrihi has dokrak bolýar. Sanginanyň tonunyň güýji çäklidir. Ýagtylyk we kölege kontrastlarny güýçlendirmek üçin gara sudury, çyzygy we ştrih ulanýarlar.

**Tuş.** Galamdan we kömürden başga, elden edilen suratlarda tuş hem ulanylýar. Adaty tuş (himiki) - suwuk gara reňk. Tuş plitkalarda hem bolýar (hytaý). Ýapon suratçylary tuşy özleri ýasaýarlar. Tuşy çotga ýa-da pero bilen ulanmak mümkin. Ýöne tuş ynamly we ünsli işlemegi talap edýar. Sebäbi tuş bilen çekilen suraty düzetmek kyn.

Tuş-binagärlik grafikasynda adaty material. Ol ýagty reňklerden başlap gara çenli dürli öwüşgünler berip bilýär.

Suratyň estetiki gymmaty, suw bilen tuşyň garyndysynyň dogry saýlanmagyna, dürli dykyzlykdaky çyzyklaryň we tegmilleriň sazlaşygyna we gury ýa-da öl kagyzda işleniş

tehnkasyna bagly bolýar. Gury çotga tehmkasy iri zatlary görkezmekde ulanylýar.

**Kömür.** Daş asyrynyň adamy ýanan kömür bölejikleri bilen gowagyň diwarlarynda öz awlaýan haýwanlarynyň suratyny çekipdir. Şol döwürden hazirki güne çenli hem kömür surat çekilende, yagly reňkler bilen reňkli suratlar çekilende ulanylyp gelýär. Şeýle hem ol binagärler tarapyndan eskiz taslamalarynda ulanylýar. Kömüri berýoza şahajyklaryny ýakyp taýýarlaýarlar Onuň birnäçe gömüşleri bolýar: surat kömüri, bezeg kömüri, presslenen kömür. Kömüriň hemme görnüşleri aňsat tuşlanýar. Kömür bilen işleýiş tärleri ýumşak galamynky ýaly. Şeýle hem onuň bilen dürli çyzyklary we tonlary görkezip bolýar. Kömür bilen çekilen, suratlar aşaky berkidijiler bilen berkidilýar:

Suw garylan sygyr süýdi, želatin, ak şellakdan we arassa spirtden fiksatiw.




## Reňkli suratda ulanylýan gurallar we esbaplar

**Pero, reýsfeder, flomaster.** Pero-surat çekmekde we binagärlik çyzgylarynda ulanylýan gural. Çyzyklar we ştrihler

arkaly materialyň göwrüm-giňişlik. häsiýetnamasynyň fakturasyny we reňkini görkezip bolýar. Birmenzeş ştrih suraty tekiz görkezýär, tapawutly ştrihler onyň göwrümli görkezýärler. Şu ýagdaýda ştrih tehnikasy öz mümkinçiliklerini gorkezýär ştrihiň galyňlygy, uzynlygy, häsiýeti we syklygy.

Reýsfederi çyzgy guraly hökmünde (reýsşina we çyzgyç ulanyp) we surat guraly hökmünde ulanyp bolýar. Taýajyk we tuş bilen ştrihlemek tehnikasynyň öz çeper aýatynlyklary bar: tayajykda gurap, tuş çyzgynyň soňunda öz doklugyny ýitirýär, çyzyk kesilip başlaýar.

Soňky ýyllarda binagärlik grafikasynda flomaster giňden ulanylýar. Ol iki görnüşde bolýar: inçe kapilýarly ýönekeý görnüş we dürli galyňlykdaky fetr süzgüçli. Ol ýörite çalt gutaryan reňk bilen doldurylyan Flomasteriň grafiki mümkinçilikleri öran gin - çyzyklar, tegmioler, ştrihlemek, dürli tekizlikleri reňklemek.

**Applikasiýa**, **fotosurat.** Binagärlik çyzgylary ýerine ýetirlende, applikasiýa ulanylýar. Bu usul materiallary we obýektiň fakturasyny görkezmäge giň mümkinçilikleri döredýär. Applikasiýa çyzga kagyzyň dürli görnüşlerini, hatlary, suratlary, mata böleklerini we metaly ýelmemek arkaly ýerine ýetirilýär. Applikasiýany reňklenmedik gömüşde seýrek ulanýarlar.

Şeýle hem taslamalary bezemekde suratlar ulanylyp biler. Öbýektiň perspektiwasyny has çynlakaý görkezmek gerek, bolanda, gurluşyk meýdançasy surata alynyp, onuň üstünde çal guaş bilen taslamanyň çyzgysy çyzylýar.



**Reňkli suratda ulanylýan gurallar we esbaplar**

## 11. Binagärlik grafikasynyň çeperçilik-tehniki usullary

"Grafika" sözi grekleriň ýazýaryn, surat çekýärin diýmegi aňladýan "grapho" -sözünden döräpdir. Grafika - şekillendiriş sungatynyň bir görnüşi bolup, onuň esasy çeperçilik serişdeleri çyzyklar, ton kölege reňkdir.

Binagärlik grafikasy – arhitektura taslamasynda döredijilik işiniň şekillendiriş meselelerinde grafika sungatynyň serişdelerini we tärlerini ulanmakdyr. Grafika onuň

serişdeleri we tärleri taslamanyň eskizinden başlap tä is çyzgylary alynýança amala aşyrylýan döredijilik işiniň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Binagärlik grafikasynyň ahyrky maksady - anyk binagärlik obýektini gurluşykda amal etmek üçin ony çyzgylar toplumynda şekillendirmekdir. Grafikanyň bu ýerden gelip çykyan kömekçi rolunyň aýratynlygy görnükli ulanmak üçin iş kagyzlaryny taýýarlamakdan ybaratdyr.

Binagär grafikanyň .... bilen guruljak binanyň niýetlenilýän maksady, onuň düzümleýin we göwrümleýin gurluşy barada şeyle hem saýlanyp alnan binagärlik çözgüdiniň maksadalaýyklygy we – arhitektonikasy barada doly düşünje berip bilmegi wajyp we zerurdyr. Binagärlik çyzgysy sungat eseri bolmasa hem oňa owadanlyk, gelşiklilik hasiýetleri mahsusdyr. Emma "owadan" grafika binagärlik grafikasyndan agdyklyk etmeli däldir, onuň çakdanaşa ýiti tärleri we usullary binagärlik çözgüdiniň hiline zeper ýetirmeli däldir.

Binagärlik çyzgylaryny taýýarlamaklyk şekillendirilşiniň ylmy we çeperçilik usullaryna esaslanmalydyr. Çyzgy we surat hem maketirleme we modelirleme bilen bir hatarda taslama taýýarlamaklygyň döredijilik işine gatnaşýarlar.

Binagärlik grafikasynyň çepeçilik – tehniki serişdeleriniň toplumy binagärligiň, gurluşyk tehnikasynyň we umumy şekillendiriş medeniýetiniň taryhy ösüşine gönüden-göni baglydyr.

Binagärlik grafikanyň, onuň serişdeleriniň, usullarynyň we tärleriniň ösüşiniň kabir taryhy döwürlerine ser salalyn.

XVI-XVII asyrlarda galamy rus çyzgylarynda ikona çekmek sungatynyň usullary ulanylypdyr ýagny tekizlikde perspektiwany göz öňünde tutmazdan, tekizlikde birnäçe binalary biri-biriniň aşagyndan, ýa-da bolmasa binanyň ýokardan görnüşiniň suratyny çekipdirler. Bu döwürde

binalaryň planlary we fasadlary çyzgylarda bir tekizlikde şekillendirilipdir. Çyzgylar göwrümsiz görnüşde, gara syýa bilen ýerine ýetirilip, soňra kabir ýerleri reňklenilipdir.

XVIII - asyryň ahyrlarynda göwrümli jisimi ortogonal proýeksiýa arkaly tekizlikde şekillendirmek usuly esaslandyrdy.

Binagärlik grafikasynyň ussatlygy artdy. Toma-de-Tomon ýaly ussatlar binagärlik çyzgylaryny özbaşdak nakgaşlyk eseri hökmünde ýerine ýetirip, binagärligi çeperçilik derejeli peyzaž bilen baglanyşdyrypdyrlar. Şeýle-de bolsa, XVIII asyryň binagärlik grafikasyna guruljak binanyň niýetlenilýän maksadyny, onuň çeperçilik we düzüm aýratynlyklaryny açyp görkezýän çeperçilik – tehniki tärler mahsus bolupdyr. Rus nusgawy binagärleri bolan W.Bazenowyň, M.Razakowyň, A.Woronihiniň, D.Kwarenginiň we beýlekileriň taslamalary hut şeýle derejededir. Ortogonal we perspektiwalaýyn şekillerde inçeden takyk surat we perspektiwa görünýär. Grafiki tärlerde kontur, ton, kölege şeýle hem ginişleýin - göwrümli formalary häsiyetlendirmek üçin binanyň haýsy materialdan guruljagyny hem has giňden ulanylýar. Fasadlaryň we kesikleriň çyzgylarynda peýzaž we görnüklilik üçin-adamlar şekillendirilipdir. Şekillendirmäniň bu usullary XIX asyryň – XX asyryň başlarynyň grafikasynda hem A.Zaharow, O.Bowe ýaly binagärleriň dürli taslamalarynyň binagärlik çyzgylarynda giňden peýdalanylypdyr.

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň binagärleri we suratkeşleri binagärlik grafikasynyň ozalky usullaryna we düşünjelerine täzeçe garamak bilen rewolýusion galkynyş duýgularyna ýugrulan täze usullary girizmäge çalyşdylar. Grafikanyň köp sanly rasional usullary - şekillendirmegiň çyzykly usulyny, gara we ak reňkleriň gapma garşylygyny ulanmak, reňki we çeperçilik tärleriniň ayratynlyklaryny çäklendirilen ginişlikde

peýdalanmak usullary giň gerime eýe boldy. Bilim we endik däplerine hem-de ýokary çeperçilik medeniýetine daýanyp 20-nji ýylyň ussatlary binagärlik döredijiliginde grafika meselelerine aýdyň düşünmekligiň nusgalaryny görkezdiler. Bu döwrüň uly ussatlary tarapyndan döredilen binagärlik taslamalary sowet binagärliginiň we onuň grafiki usullarynyň öňe gidişli taraplaryny häsiyetlendirýär. Olar wagtyň synagyndan üstünlikli geçip, häzirki zaman binagärlik grafikasynyň toplumyna ykjam ornaşdylar.

1930-1960 ýyllarda binagärligiň düzme çözgütlrinde şekillendirmegin grafiki usullaryny we serişdelerini kesgitleýän order ulgamy ulanylýardy. Bu döwrüň grafikasynyň hasiýetli aýratynlyklary – jaýlaryň ýüz görnüşleri we perspektiwalaryň çyzgylarynda akwarel tärlerini kölegäni giňden ulanmakdan ybarat boldy. Uly gidroelektrostansiýalaryň, ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ymaratlary akwarel usulynda uly ölçeglerde şekillendirilýärdi.

Häzirki zaman binagärlik tejribesinde taslamalary taýýarlamagyň ymaratyň düzümini, serişdesini we maksadyny tomaşaça has aýdyn ýetirmäge mümkinçilik berýän täze şekillendiriş serişdelerini ulanmak bilen bagly bolan grafiki tärleriň gözlegleri bilen baglaşdyrylýar.

Grafiki tärleriň täze gönüşleriniň döredijilikli gözlegleri kanunydyr. Emma binagärlik pikirini has doly açyp görkezýän öndebaryjy grafiki täri, umumy grafiki ugry tapmak örän derwaýysdyr.



**Samarkandyň metjidiniň garyşyk tehnikasynda ýerine ýetirilen**



**Şähriýar galasy garyşyk tehnikasynda ýerine ýetirilen**

## 12. Kombinirlenen usullar nakgaşlykda

Kombinirlenen tärler suratkeşleriň döredijiliginde. Akwareli, guaş belilasyny, sanginany, tuşy, heki, galamy bilelikde ulanmaklyk XIX asyryň ahyrlarynyň - XX asyryň başlarynyň suratkeşleriniň döredijiligine mahsus bolupdyr; ol döwurlerde sungatda şekillendirmäniň täze serişdeleriniň gözlegi uly orun tutupdyr. Şol döwrüň akwarelleri çuňňur obraz täzeliklerini özünde jemleýär. Peyzaž ýada portret bolsun, taryhy yada mifologik suratyň eskizi bolsun, çalt ýerine ýetirilen nabrosok bolsun – her bir akwarel listiniň düýp manysy reňkleriň sazlaşygy bilen aýrylmaz baglanşykly; ol bolsa akwareliň beýleki çeperçilik serişdeleri bilen bilelikdäki täsirini köp derejede kesgitleýär.

W.Serowyň her bir akwarel listi - diňe bir ýiti, obrazlaýyn çözgüdiň gözlegi bolman, eýsem täze tärleriň hem gözlegidir. Adamyň obrazyny açyp görkezmek üçin ol özüne mahsus bolan bilesigelijilik bilen elmydama täze gönüşleriň gözleginde

bolup, akwareli, guaşy, pasteli, kömri, heki, sanginany erkin bileleşdirip ulanýar. M.Botkinanyň portretinde saçlar, gözler, daşlar, dodaklar akwarelde ýerine ýetirilen. Käýerlerde akwarel sanginanyň üstünden gelýär. Ýüz keşbi şeýle usulda modelirlenen. Saçlaryň reňkiniň üsti sangina bilen, köýnegiň epinleriniň reňkleriniň üsti kömrüň we hekin ştrihleri bilen ýetirilen.

W.Polenow dürli serişdeleri ulanmak bilen giňden, erkin, dürli reňkli we çalt çekýärdi. Müsürde, Siriýada, Palistinada çeken etýudlarynda onuň reňkleriň sazlaşygyndan peýdalanyp bilmek zehini aýdyn ýüze çykdy.

I.Nordman - Sewerowanyň portretinde I.Repin Zanginanyň ýeňiljek ştrihleri arkaly ýüz keşbi modelirläp, soňra akwarel bilen jemläpdir. Köýnek hem ilki kömür bilen çekilip, soňra üstünden akwarel bilen geçirilipdir. Garaňka ýakyn çuňňur fon tutuşlygyna akwarel bilen çekilipdir.

("Lunnaya köçe") "Aýly gije" akwarelinde I. Lewitan içki ruhy ýagdaýyn esasy sebäplerini gamgyn asudalygy, hyýalbentligi-galamyň güýçli ştrihleri bilen akwareliň utgaşmasy arkaly beripdir. "Çeşme" peyzažynda I.Lewitan binäçe serişdeleri (akwarel, grafit, belila) garjaşdyrmak arkaly reňk sazlaşygynyň inçeden ýumşak çözgüdini tapypdyr.

M.Wrubeliň akwarelleri ertekilerdäki ýaly özboluşly owadanlygy bilen bendi edýär. Tebigata degişli işlerine hem ol özüniň fantast hökmündäki başarnygyny, reňkleriň sazlaşygyny tapmakdaky zehinini sindirýär. Galamyň üstünden akwarel bilen çekýär ("Gyzyl azaliýa", uAk iris", "Gyzyl bägül", "Orhideya", uBägül", "Kampanulalar"). Akwarel bilen çekilen portretlerde dürli serişdeleriň - akwarel, guaşyň, kömrüň ("Ogulyň portreti") utgaşmasy peýda bolýar.

N.Zabela-Wrubelin portretinde berezelaryň fonunda peyzaž, köýnek, saçlar akwarel bilen, ýüz keşbi-çalasyn pastel bilen çekilipdir; koftadaky pastel ştrihleri bolsa kömürştrihleri bilen utgaşyp gidýär. Awtoportret galam bilen modelirlenipdir,

akwarel bilen diňe fon we saçlar, ýaka bolsa belila bilen çekilipdir.

K.Somow akwarel bilen reňk bermezden ön tuş bilen ýüz keşbiň detallaryny medelirleýän ýeniljek çyzyklary geçirýär. Ol galamyň üstünden ýeňiljek sangina reňklerini we akwarel reňkleri berýär (R.Wladimirskiniň, W.Iwanowyň, M.Kuzminiň portretleri).

Z.Serebrýakowanyň işlerinde akwarel bilen fon we egin-eşikler çekilen. Ýüz keşbi we eller haýran galdyryjy owadan reňk çalşygy we çyzyklaýyn çözgütleriň bitewiligi bilen tempera arkaly çekilipdir ("Ýaş gelin", "Rus dayhany").

M.Dobuzinskiý birnäçe serişdeleriň-akwareliň, kömrüň, tuşyň, belilanyň-garyndysyny ulanypdyr ("Şäheriň erbet ýüzi", "Woronež").

Garrynyň akwarel bilen çekilen suratynda F.Malyawiň garrynyň ýüz keşbini tonirlenen kagyzda galamlar bilen çekip, çalarak belilalar degirýär, garamtyl saçlary we gyzyldan-goňur köýnegi akwarel bilen giňden çekýär. Aýalya suraty hem garyşyk tärlerde ýerine ýetirilip, onuň nakgaşlyk-bezeg çözgüdinde Repiniň reňk uruş giňligi we erkinligi ýüze çykýar.

Stolyň başynda diýen akwarelinde W.Lebedew peronyň inçejik konturyny (eller we ýüzler tuş bilen çekilen) we interýerdäki şekilleri reňk bilen doldurmaklygy utgaşdyryp ulanýar.

M.Saryan kombinirlenen tärlerden peýdalanýar, guaş belilalaryny ulanmak bilen akwareliň ýylpyldysyz we ýumşak bolmagyny gazanypdyr ("Gyzjagaz").

A.Şowkunenko dürli şekillendiriş serişdelerini erkin peýdalanmak arkaly olary suraty çekilýän adamyň hasiyetine we daşky görnüşine baglylykda peýdalanýar. M.Litwenko-Wolgemutyň portretinde kompozisiyany we reňkleri ulanmak arkaly ol tomaşaçynyň ünsüni ýüz bilen ellere çekmegi başarypdyr. Ýumşak pastel bilen dury akwareliň utgaşmasy suratkeşe görnükli sowet aktrisasynyň ýönekeý daş keşbini

açyp görkezmeklige, onuň akylly we özygtybarly ýüz keşbini inçeden aydyň şekillendirmeklige mümkinçilik berýär. Çyzyklaryň ýeňilligi we tutuk reňklerden ýagty reňklere geçişleriniň inçeligi bilen, dürli reňkleriň gatnaşygy bilen we beyleki dürli tärler bilen suratkeş onuň mylayymlygyny we mähirliligini görkezipdir.

Çeperçilik serişdelerini obrazyň psihologiyasyny açyp görkezmeklige, adam hasiyetleriniň çylşyrymlylygyny onun ruhy ýagdaýyny, keýpi çaglylygyny diňe bir surat çekilýän mahaly dälde has giňden aňlatmaklygyň gözleglerine boýun etmek bilen A.Gorbenko portretlerde Sowet Soýuzynyň iki gezek gahrymany A.Fyodrowy, Sowet Soýuzyň iki gezek gahrymany S.Kowpagy, akadamik S.Korolýowy, SSSR-iň uçarman-kosmonawty, Sowet Soýuzynyň gahrymany W.Tereşkowany şekillendirýär.

O.Kiyewiçiň portretinde mütgel akwarel bilen reňklenen. Fonda, kölegelerde we egin-eşiklerde akwarel sofiraky geçilen guaşyň aňyrsyndan syzyp görünýär. Ýüz keşbi, saçlar we eller ýagly reňk bilen modelirlenip, pastel bilen çalaja geçilen. Ýagtylyk düşýän ýerlerde ýagly reňkleriň yzygider goýulan gatlaklary bildirýär. Gurandan sofi tempery bilen gaýtadan geçilen ýerler gar dek çym-ak geýimleriň we sütükden geýimleriň görküni açyp görkezýär.

Akwareliň dürli žanrlardaky (portret, liriki peyzaž, natýurmort, pynhan gatnaşyklar, interýer, taryhy sahna, fantastik taslama) ýokary üstünlikleri çeper şekillendirmäniň täze serişdeleriniň gözlegleriniň miweleridir.

## 13. Kombinirlenen usullar binagärleriň döredijiliginde

Häzirki döwürde kombinirlenen tärleri ulanmaklyk diňe bir suratkeşlere däl, eýsem öz döredijiliginde

şekillendirmekligiň çeper serişdeleriniň gözleginde bolan binagärlere hem mahsusdyr.

G.Golsyň binagärlik çyzgylaryna reňk grafiki serişde hökmünde işjeň gatnaşýar ("Moskwadaky ýauza deryasyndaky şlyuz"). Ol çyzgylar kiçi göwrümli çyzgylaryň zergärlik tärlerine ýakyn.

Çyzgylar onuň grafiki usullarynyň ajaýyp görkezijileri bolup hyzmat edýärler: reňkiň we kölegeleriň umumy inçeden bölünişini saklamak bilen, gögümtil-çal akwarel arkaly ol tebigatdaky serişdeleriň tapawutlaryny we reňkleriň gatnaşyklaryny başarjaňlyk bilen ýüze çykaryar, şeýle hem lessirowkanyň tärlerine uly üns berýär.

Binagär G.Zaharow serişdäniň tebigatyna oňat düşünmek bilen akwareliň we tuşyň kombinirlenen tärinde kompozisiyanyň göwne jaylygy, suratyň inçeligi hem-de tuşyň akwareliň sazlaşygy bilen tapawutlanýan binagärlik çyzgylaryny ussatlarça ýerine ýetiryвr ("Doganlyk mazarlygynyň" taslamasy).

Binagвrligiň ussatlarynyň arasynda meşhur grafikaçy I.Fominiň adyny tutmak bolar.

Onuň grafikasynyň özboluşlylygy bu ussada mahsus bolan binagärlik pelsepeleriniň göwrümliligine ymtylmagyny ýüze çykarýan çözgütleriň gözlegi bilen baglanşyklydyr. Grafikanyň ähli görnüşlerinde (ofort, tuş, akwarel, guaş, sangina) suratkeşiň eli duýulýar. Ol batyrgaý, okgunly, uly reňk gatnaşyklaryny we reňk gatmagarşylyklaryny ulanmak bilen uly kagyzlarda çekýärdi.

Binagärlik we grafiki ussatlygy belent derejelere ýeten beýik rus binagärleri W.Bazenowyň, M.Kazakowyň, I.Starowyň, A.Worononiň. A.Zaharowyň we beýlekileriň işleri Sowet binagärleri üçin çyzgy şekillendirmegiň ýokary medeniýetiniň nusgasy hökmünde hyzmat edýär.

Tebigy ýagtylandyryşda jaýyň içki görnüşiniň reňkli surat tärleri, penjnelerden gelyän ýagtylygy dogry görkezmekde

esaslanyar. Ýagtylyk çeşmesi bolan penjire otagda iň ýagty ýer bolar, ýagtylygy boýunça ikinji ýerde onuň golaýyndaky zatlary görkezip bolar. Şol bir wagtyň özünde bu ýagty ýerleri reňki boýunça deneşdirmeli: haýsy ýyly, haýsy sowuk.





**Kombinirlenen usullar**



**Binanyň içki görnüşiniň (interýeriň) grafiki usulynyň ýerine ýetirilşi**



**Şäher panoramasynyň kombinirlenen usulynda ýerine ýetirilşi**

## 14. Kompozisiýanyň esasy kanunlary

**Simmetriýanyň kanuny**

Kompozisiýanyň sag we çep bolekleriniň takyk bolmagyny talap edýär, aýnada görülen ýaly sag wa çep bolekleriniň bir – birine deň bolmagyny. (A.Korredžo- “Madonna we Sw.Fransisko”). Obýektleriň şekillendirilişi.

Asimmetriýa kompozision ýerleşmesinde deňligi bozmagy talap edýär. Sinimmetriýanyň deňligini bozulmasy dinamikany ýüze çykarýar, suratda bulaşanlygy emele getirýär. Simmetriya kömpozisiýada rahatlygy aňladyar.

**Deňligiň deňagramlylygynyň kanuny**

Suratyň kompozision durnuklylygyny talap edýär. Aýnadaky ýaly takyklyk talap edilmese-de, kompozision deňlik hökmany suratda bolmaly. Bu deňagramlylyk, mysal üçin, suratyň bir bölegi adamlaryň şekili bilen doldurylan bolsa, ikinji bölegi – öýler baglar we ş.m. bilen doldurylan bolmaly. Reňkleriň we öwüşgünleriň paýlanyşygynda hem, suratyň bir bölegi açyk reňklerde, aşagy, goýy reňklerde, ikinji bölegi – başga hili .

Bir predmetiň yzly-yzyna şekillendirilişi bilen emele gelýär. Figuranyň haýsy-da bir hereketinň şekillendirimesi. Sazlaşyk kanuny suratkeşe hereketiň yzygiderliligini we syratyny dogry bermäge kömek berýar.

Kompozisiýanyň iň wajyp elementi synçy sazlaşykdyr.

Sazlaşyk – bu diňe guramaçylyk başlangyjy däl, estetiki başlangyç -„ E.Kibrigiň aýtmagy boýunça – Estetiki baçlangyçdan suratlanyş esere, şahyrana sazlaşyk hasiýetleri geçýär. " Suratyň kompozisiýasynda zerur bolan deňlik merkezinden başga uly göwrümleri we siluetleri gurmak üçin çyzyklar bolýar, suratyň hemme kompanentlerini bir umumy kompazision sazlaşyga birleşdirýän çyzyklar bolýar.

Bu içki arhitektoniki suratyň kompazisiyasyny tapmagyň analizini belli Ukrain suratkeş S.Grigorýew amala aşyrdy.

**Statika kanuny**

Kompazisiýany keseligine we dikigine takyk bölünmegini çyzyklaryň rahat hereketlerini talap edýär.

Klassiki mysal Leonardo da Winçiniň „Gizlin ýygnanyş" -kartinasy bolup biler.

**Dinamikanyň kanuny**

Diagonal spiral, zigzag boýunça ýerleşen figuralaryň hereketiniň ugruny birden üýtgetmegini talap edýär.

**Ikinji ýerdäkiniň birinjä tabyn bolmagyň kanuny.**

Surat çekýänden kartinada predmetleriň ýerleşmegini, her predmeti başga bir zadyň üsti bilen özüne üns çekmegini hemme predmetleriň baş predmete garaşly bolmagyny talap edýär. B. Serowyň “Lenin Söweş hökümýetine yglan edýär” kartinasy şuňa mysal bolup biler.

**Tomaşaçy merkeziniň kanuny**

Tomaşaçy suratkeşiň gelen çözgüdinde ýalanlygy görmezligini talap edýär. Suratda komidision merkez bolmaly, kartinada çekilen gatnaşyjylayň esasy.

Kompozisiyanyň ägirt komponentleri diýip K.Ýuon reňk bilen reňkiň dürliligi hasap edýär. Şolar suratda – wagty hasiýetlendiriýärler ( ertir, gündiz, agşam, gije) supat eserininiň emösiohaýa reňklenilmegini kesgitleýär . Adamyň üsti bilen içki duýgylaryny daşyna çykaryp suratyň ýüzüne geçirmäge kömek edýär, estetiki sazlaşyk . Tematiki kompozisiyanyň üstünde işlemeklik şulardan ybarat:

- kompozisiyanyň kanunlaryny öwrenmek döredijilik prosesinde aktiw hereket edýän.

- uly ussatlaryň hereketinde kompozisiýanyň tiplerini we gömüşlerini öwrenmek. Öwrenmeklik geçmişde klassiki sungatyň üstünliklerinde, mysallarynda gurlan bolmaly, hazirki

zaman suratyň kanunçylygyny dogry düşünmekde , onuň mazmuny we göwrümli gutarmagynda, onuň kompozision işde.

**Estetiki lezzet (maza) owadanlyk lezzeti**

Adamzadyň tebigatyň bolýan zatlar barada , jemgyýetçilik durmuşy barada, sungat eserleriň estetiki hili barada aňly şekillenmek ukyby - estetiki lezzet (maza) diýip atlandyrylyar.

Sungat eserleri - adamyň jemgyýetçilik hakykatynyň önümi bolansoň, hakykatyň meseleleri, serişdeleri we formalary wagty bilen üýtgäp duranlygy sebäpli, adamlaryň estetiki mazasynyň tapawudy hem adamlaryň degerli synplarynyň we jemi formasiyalarynyň tapawudy bilen kesgitlenýär dünyagaraýşyň esaslanyp, estetiki (çeper) terbiýeleniş we olaryň ösüşiniň ähli ýollary bilen.

Adamlaryň estetiki lezzetiniň gurulmagyna belli bir döwriň sungatyň ösüşi täsir edýär. Çeper lezzet (maza) sungatynyň ösmegine täsir etýär.

Hakyny suratkeşe m azan garşysyna mazasyzlyk durýanlygy belli. Sungatda mazasyzlyk bilen görip alnyp barylýar. Hakyny suratkeş - mazasy talap temasy ediji we takyk saýlap almak, temada kompozisiýada, reňklilinde öz tejribesinde işlenilen, suratçynyň. Maza ýeke-täk we gutarnykly alamaty bolmaly.

## 15. Natýurmort boýunça akwarel türgünleşmeler

Natýurmort – suratçylygyň aýratyn žanry hökmünde gadymdan gelýär. Bu jansyz zatlaryň durmuşy, ýöne adamyň demini alyp getirýän, onuň eliniň degen yzlaryny saklap gelýär.

Ol özboluşly dokument bolup durýar. Dürlizamlarda ýaşan adamlaryň yaşaýşynyň häsiýeti we durmuşy şaýady. Wagty bilen natýurmort öz mazmunyny üýtgedýär, birden ýaldyrap duran (lowurdap), bir görsen asylly, adamlaryň

baýlygy barada gürrüň berip durýar, ýönekeý adamlaryň öý ojaklarynyň parahat dürmuşyndan, ýa-da garybyň gününden gürrüň berýändir.

Biziň günlerimizde natýurmort hakykatyň biziň durmuşymyza girizýän üýtgemelerini beýan edýär we biziň zamanymyza adamlarynyň durmuşyny gylygyny görkezýär.

17-nji asyrdan bäri galland sungatynda natýurmort suratçy öz başdan žanr kimiň ösýär we öz ösüşinde bellenilenleri güllemegi eyeleýär suratkeşleriň eserlerinde Ýa.Heem, B.Kaldo, F.Snaýders, 18-19 asyrda Fransiýada – Ž.B. Şardeniň, E.Mane, P.Gogeniň, P.Sezannyň, döredijiliginde natyurm esasy orny tutýar.

Rus hudožniklerden 19-20 asyrda - G.Soroka, K.Zelensow, I.Huruskiý, K.Korowin, I.Rebin, F.Žurawlýow, P.Fedotow, I.Kramskoý we başgalary bu žanra goýýardylar. Olaryň tematiki suratlaryny döredende natýurmort uly rol oýnady.

Söweş suratkeşleriniň eserleriniň arasynda I.Maskowyň, A.Kuprynyň, M. Saryanyň, P.Konçalowskiniň, A.Sowkunenkonyň we başga ussatlaryň natýurmortlary bellidir.

Akwarel suratlaryny öwrenmekde natýurmortyň üstünde işlemek başlangyç etap bilen bolup gelýär, sebäbi natýurmortyň predmetleriniň görnüşleri has sada çylşyrymly däl, janly adamyň bedeniniň formasyndan formalaryň we materiallaryň dürli – dürliligi, reňklerini tapyp natýurmortda yerleşdirmek we ýagtylandyrmak mümkinçiligi, hünäri öwrenip başlaýanlara bilim we surat we suratçylygyň kanunlaryny öwrenmekligi aňsatlaşdyrýar.

Dünýa rus we söweş sungatynyn iň gowy eserlerini öwrenip analiz edilenden soň natýurmordyň üstünde yzygiderli iş başlanýar. Işiň başynda sýužetiň mazmuny boýunça ýönekeý predmetlerden (zatlardan) formasy we reňki boýunça materialyň gabarasy we alamaty boýunça tapawutlanýan, ýöne

umumy mazmun bilen baglanyşykly kiçiräk topar döretmeli (düzmeli).

Natýurmortda predmetleri biri-birinden aralygy takyklap, biri-birini ýapmaz ýaly edip yerleşdirmeli. Ýagtylylyk bu ýerde esasy ýeri tutyar. Ol gapdaldan ýa-da göni bolup biler, ol öňünde goýan maksadyňa bagly.

Natýurmorty ýerleşdirip gutarylandan soň, ony kagyzyň ýüzüne geçirip başlaýarlar. Kagyzyň ýüzünden natýurmortyň hemme predmetlerini suratlandyryş ne uly bolmaly ne-de kiçi. Ilki ben iki-üç sany kiçijik garalama edip, olaryň iň gowysyny kagyza geçirýärler.

Kagyzya yüzüne aýawly saklamaly suratlandyryşyň ululygy deň paýlap, şol wagt hem suratlandyrylýan predmetleriň ýokarsynda kagyzyň ýüzünde ýer galmaly hem-de olaryň arasynda darlyk bolmaly däl.

Akwarel bilen surat çekýäne her dürli gatlakdaky grafitli gurşun galamlar toplumy gerek bolýar. Galam akwarel suratçylygynda kömekçi serişdedir. Gaty grawitli galamlar ýuka, takyk araçäkleri ýa-da suraty çekilýän zadyň ýagty düşýän böleklerini çekmek üçin, ýümşak grafitli galam bolsa öz we özüne düşýän kölegeleriň suduryny çekmek üçin, ýagty-açyk görünýän ýagtylyk-saýa araçägini sekilini çekmek üçin ulanylýar. Ol giň, garamtyl çyzyk çekmäge mümkinçilik berýär. Pero-zerur gural bolup, ol işiň ahyrky bölüminde jikme-jik aýdyňlaşdyrmak, şekili anyklamak, retuş üçin we zeper ýeten we täzeden işlenýän ýerleri üçin, reňkli şekili akwarel syýasy bilen çekmek üçin ulanylýar. Ussahanany abzallaşdyrmak, gurallary we esbaplary oýlanyşykly saýlap almak, materiallaryň tehniki hasiýetlerini bilmek suratkeşiň, binagäriň üstünlikli döredijilik işinde guramaçylyk başlangyjy bolup durýar.





1 2





3 4

**Akwarel reňkinde ýerine ýetirilen iş 4 tapgyrdan ybarat.**

## 16. Akwarel reňkiniň şekillendiriş koloriti

Žiwopis tehnikasynyň aýratynlygy, beýleki surat çekiş görnüşlerinden (grafika) tapawutlylykda, onuň reňkli keşbi ýagny görünýän predmetiň ýa-da hadysanyň ýagdaýyny – koloritini berip bilýänligindedir. Kolorit ýagtylygyň hem-de

görüp kabul edişligiň belli obyektiw kanunlary boýunça jemlenýär. "Bütewiligiň daşynda ajaýyplyk ýokdur" diýip D.Didro ýazypdy.

Bu kanunlar esasynda biziň aňymyzda predmetiň koloristik obrazy emele gelyär.

Kolorit we onuň kanunalaýyklygy hakyndaky bilim žiwopis tehnikasynyň esasyny, onuň ähli usullarynyň esasyny düzýär.

Hudožnik tarapyndan islendik şekillendiriş materiallary – ýag, tempera, akwarel guaş we başy ulanylanda hem koloritiň kanunalaýyklygynda, oňa degişli ziwopis tehnikasyna mahsus bolan aýratynlyklar üýtgewsiz galýar.

Tebigatlykda kolorit diýip syn edilýän predmetiň ýa-da hadysalaryň reňkli keşbi, onuň ýagtylyk gurşawyna baglylygy, predmetleriň hususy reňkleri we görüşiň şol wagtdaky ýagtyrylyşa baglylykdaky duýgurlygy atlandyrylýar.

Kolorit diýip suratdaky predmetiň žiwopis reňkli keşbi, hadysany beýan edýän reňk utgaşyklylygy atlandyrylýar. Ol hakyky real dünýäniň reňklerini görkezyär, suratyň ideýa mazmunyny ýüze çykarmaga kömek edýär we emosional, psihologiki beýan edilişiň möhüm serişdesi bolup, çeperçilik keşbiniň örän doly açylyp görkezilmegine hyzmat edýär. Kolorit fiziki we estetiki häsiýetnama eýe bolup, şu aşakdaky faktorlar boýunça kesgitlenýär.

Suratyň umumy keşbini döredýän göni we serpilip yzyna gaýdýan ýagtylyk öwüşgüni we predmetlerin ýagtylyk-saýa reňk öwüşgünleri.

Predmetleriň we howa gurşawynyň durulyk derejesini, olaryň öz hususy we sertlendirilen reňkleri;

Görşin hasiýeti bilen, onuň üýtgeýän ýagtylyklygy kabul edýän we ýagtylyklygyň üýtgeýän sudury, reňkleriň we ýagtylandyryşyň derejeleri;

Hudožnigiň dünýägaraýşyna, predmeti ylmy we obraz göz önüne getirip biliş, dörediş praktikasy, onuň ugry we ýykgynlyk edýän ugry;

Kolorit açyk we arassa ýerli reňkleriň utgaşyklygynda we ýiti tonal gatnaşyklaryň ýerleşmeginde gurulyp bilner. Ol ýa-da beýleki reňkleriň agdyklyk etmegine baglylykda kolorit ýyly (gyzyl we sary reňkler agdyklyk edýär) we

sowuk (gök we yaşyl reňkler agdyklyk edýär). Reňkleriň utgaşyp gelşine baglylykda erkin we dartgynly bolýar. Hudožnigiň real hakykatyň reňklerini beýan edip biliş başarnygyna baglylykda we onun bir giden reňk toparynyň garmoniki gatnaşyklaryny çözüp bilşine ep-esli derejede baglylykda žiwopis eseriniň hakykatlygy we çeperçilik bagly bolýar. Bir giden reňkler gyzyl we yaşyl tonlarda gurluş utgaşyklygynyň düzülmegine ýyly, gök we ýaşyl reňk tonlularyna sowuk diýip adatça atlandyrýarlar.



**Reňkleriň utgaşyp gidişi**



**Reňkiň sazlaşygy**

## Reňkli ton

Ton sözi grekçe "dartgynlyk" sözünden gelip çykyp, reňkdäki ýagtylygyň mukdaryny aňladýar.

Reňkiň tony reňkiň esasy hili bolup (ýagtylyk we doýgunlyk bilen bir hatarda), onuň hasiýetini, reňkiň ýagtylygyny kesgitleýär. Mysal üçin, gyzyl reňkli kraskalarynyň toparynda (kraptak, kinowar, kadmiý we ş.m) olaryň aratapawudy ton bilen kesgitlenýär. Žiwopis eserinde ton diýip esasy öwüşgine diýlip, ol suratyň reňklerini umumylaşdyryp özüne bagly edip, kolorite bütewilik berýär.

Reňkleriň birleşdirilip umumy ton emele getirmegini göz öňünde tutup tonal žiwopisde reňkleri saýlap alýarlar. "Ton" we "reňk" diýlen düşünjeleri garyşdyrmaly däldir. "Asman gyzyl tondady", "surat melewşe tonda çekilipdir" diýlen jümlelerde ton sözi ýalnyş alnypdyr we bularda "reňk" sözi ýerliklidir "Surat melewşe gammada çekilipdir" diýmek has (ýerliklidir) dogrudyr. Ton ýyly we sowuk bolmaýar, diňe ýyly we sowuk reňk bolup biler.



**Ton we reňk usulynda ýerine ýetirilen**

**Waler**

"Waler" sözi fransuzlaryň "baha, gymmatlyk" sözlerinden gelip çykandyr. Suratkeşler, hususan bu terminiň mazmunyny birnäçe wagta çenli "ton" sözi bilen aňladýardylar. Ýöne hakykat ýüzünde ona gosmaça, giňişlik üýtgemeleri goşulmagy manysyny hem berýärler.

"Waler" - termini žiwopisde ulanylmak bilen tonuň öwüşginlerini aňladyp ýa-da ýagtylygyň we tonuň bir reňkiň çägindäki üýtgemelerini aňladyar. Şu öwüşgünlerini takyk berlişine hakykat hadysasynyň žiwopisde berlişi bagly bolýar.

Dünýä žiwopisiniň beýik koloristleri (D.P.Welaskes, Ya.Bermer, Delftskiý, Z.B.Şarden, I.Gewin, W.Surikow, W.Lewiton we başg) öz döredijiliginde waleri ussatlyk bilen ulandylar.

**Refleks**

Bu predmetiň reňkli öwüşgininiň yza gaýdyjyny görkezip, gonşy predmetiň kölegisini reňklendirýär. Refleks garmoniýanyň koloritde güýçli serişdesi we bitewiligi bolup durýar.

Ýüzi ýylmanak edilen üstde predmetiň yzyna gaýdyan sekiliniň sudurynyň nähili bolýanlygy mälimdir. Öçüksi üstlerde ähli predmetlerden yzyna gaýdýan şöhle az derejede göze ilsede, ýöne ol has arassalygy bilen mälimdir. Şu refleksleriň hakyky berlişi eseriň koloristik gurluşynyň çözgüdine girýär. Refleks bilen ilkinji tanyşýan täzeöwrenjeleriň adaty yalňyşy-oňa gereginden artyk (ýagtylyk, reňk) onuň özüne mahsuslygyň daşyndan, ilki çeşmäniň ýagtylygyndan ýa-da reňkinden artykmaç ähmiýet bermekleridir. Bu bolsa holstyň ala-mulalygyna, predmetiň dematerializasiyalaşdyrylmagyna alyp gelýär. Şol sebäpli

refleks öz (mahsus) ýerinde bolmalydyr. Şol bir wagtyň özünde-de hut refleksleriň özi suratdaky reňkiň ritmiki akymyna kömek edýär, olar arasy kyn gatnaşykda bolan gonşylaryň arasyndaky aratapawutlary, geçişleri döredýärler.

Refleks koloristiň elinde iň güýçli ajaýyp baýlaşdyryjy serişdeleriň biri bolup, žiwopisçilik sungatyň simfoniki bütewiligini döredýär.

Ýöne koloritden mahrum edilen eserde, eger suratçy koloriti ähli ýerde, ähli zady reňkleşdirmek arkaly, ýalan "reňkleşdirmek" bilen, şol sanda ähli refleksleri reňkleşdirmek bilen "hüjüm" edip almakçy bolýan bolsa, onda bu tomaşaçynyň gözünüň öňünde galýan žiwopis-eseriniň bet-bagt ýagdaýa düşenligini görkezýär.

Refleks bölekleýin bolup bilýär, mysal üçin tekizlenen ýylpyldawuk üste öwrülen stoluň üstündäki käsäniň reňkli yzyna gaýdýan surat şöhlesi ýa-da aýal koftasynyň eliň açyk bölegindäki ýagtylygy we ş.m. Ýöne umumy refleks hem bardyr, haçanda suratdaky ähli görünýän çekilen zatlary haýsydyr bir daşky predmetden reňkli öwüşgin düşýänligi.

Ynha W.Serowyň "Günden ýagtylanyan gyz" suratynda diňe bir gün bilen ýagtylandyrylman eýsem töwerek – daşyň ýaşylymtyl reflekisleri bilen reňk öwüşgüni berilendir. N.Ýaroşenka "köçegar" eseri bütinleýin yşyklarynda berlendir.

Başlangyç hudožnikleriň işinde köplenç tebigylykdan daşlaşma görünyä; olar keşbi "ýyladýarlar" ýa-da "sowadýar".

Bu köplenç düşünmezlikden edilýär, surat çekýän çyn ýürekden tebigygylyga wepalylygyna ynanýar. Eger işde ähli gatnaşyklarda bütinley hem-de yzygiderli bu bozulmalar gerilen bolsa, beýle iş özüniň bütewiligini we hakykatyny saklaýan hem bolsa gögümtil ýa-da sarymtyl ýa-da ýenil reňkli

aýnadan seredilip görülýän ýaly görünýär. Ýöne köplenç şeýle bolýar, ýagny etýutda, mysal üçin, beden, ýüz ýaladylýar, emma egin-eşikler sowuklandyrylýar we şeýlelik bilen ähli aragatnaşyklar bozulýar, ähli zat ýalan görünýär. Başlangyç suratkeşleriň edýän wagtlary bolýar, ýagny önki pikirli sarymtyllyk ýa-da goňrumtyllyk koloritden azat bolmak üçin bilgeşleýin muny aňmak bilen tebigylykdaky ähli görünýän reňkleri sowadýar.

Yzygiderlik bilen bu usuly durmuşa ornaşdyrylanda, tebigylyga ýakynlaşmaga ýetilýär, koloriti ona ornaşyp barýan ýaramaz gatnaşyklardan azat etmäge ýakynlaşylýar.

**Eskiz**

Islendik kompozisiýa eskizden başlanýar. "Žiwopisdäki eskiz – bu suratyň meyilnamasydyr"-diýip S.Grigoryew ýazýar. Eskiz bu geljekki (surat) eseriň ilki başdaky çyzgy sekilidir (suratlaryň, portleriň, peýzažlaryň, arhitektura çyzgylarynyň (proýektleriniň), natýurmortlaryň, plakatlaryň).

Eskiz, olarsyz bolmaýan döredijilik eserinin şu aşakdaky esasy meselelerini çözýär: ýönekey we düşnükli beýan etmeli ideýany, sýuzet pikrini, esasy pikiri; çeperçilik obrazynyň aýdyň gözlegini; hemişe baş, ýolbaşçy we özüne ähli başgalary boýun edýän bolup eseriň ideýa mazmuny galýar:

Kompozisiýa bilen döredijiligiň esasy meselesi, suratda çeper obrazyň döredilmegi, gözlegiň baş maksady geljekki surat eskizleşdirilende çözülýär. Suratyň, çyzgyny (proýektiň), uly çeper eseriň şekilini döretmek -bu hudožnigiň binagärçiniň döredijilik we zahmet edermençiligi. Muny amala aşyrmak köp bilim, zähmet, wagt we talant gerekdir. Ýaş hudožnik,

binagärçi öziniň sungatdaky ilkini ädimlerinden özini eskizden başlamagy endik etmelidir. Eskizde şu meseleler ýerine ýetirilýär: geljek işiň formaty naturu boýunça (tebigy ýagdaýdan) kesgitlenýär; wertikal (dik) ýa-da garizontal (ytyrym), kwadrat ýa-da gönibürç, togalak ýa-da owal görnişli; predmetleriň ähli umumy ähli toparlaryny kagyzdan pikirlenilen formatda predmetleriň gormoniki denagramlylygyna we kagyzyň meydanlaryna görä ýerleşdirmek; tebigylyga baglylykda bir predmetiň beýlekä baglylykda proporsional arabaglaşyklylygyny kesgitleýär; zatdaky iň ýagty tegmilden (ýalpyldy) iň garaňka çenli ýagty yzygiderliligini çözýär; predmetiň hususy öz saýasynyň tonal häsiýetnamasyny (zadyň üstündäki kölegäni) we töwerekdäki zatlardan düşýän ýagty çeşmesine görä kölegeleriň hasiyetini çözýär.

Žiwopis meselesinin reňk häsyetnamasyny kesgitleýär - onuň koloritini, reňk öwüşginliliginiň köp öwüşgünliligini kesgitleýär. Eskiz galam, ruçka ýa-da çotga bilen, öňde goýlan meselä baglylykda çekilýär. Eskiz geljekki gutaryljak iş hakda takmyny düşünje berýär. Ol natýurmort ýa-da iş barada öňde goýlan beýleki tebigylyk meselelere baglylykda ýerine ýetirilýär. Surat çekýän ýa-da tebigy ýagday boýunça ýazýan esasan eskizi göz önünde tutup işleýär.

Suratçynyň eskizden çykyp işleýän wagty hem bolýar, kähalatlarda ony göz öňünde tutman hem işleýär, ýöne bu geljekki tebigylykda çekilýän işde göternikli üýtgetmeler ýüze çykan halatyda bolýar. Ýöne, has gowusy, ähli zady eskizde düşnikli edip çözülse gowydyr, sebäbi eskizden gaýra çekilmeklik, köplenç yalňyşlyklara, onda-da düzetmesi kyn

bolan yalňyşlyklara, aýratynam akwarel reňkleri bilen çekilýän žiwopisdäki işlere eltýär.

## 17. Adam şekili - binagärligiň ölçeg düzümçisi hökmünde

Köp suratkeşler we binagärler uly göwrümli eserler üçin kartonlaryň gapdaly bilen binagärligiň bezeg düzümçesi hökmünde adamy şekillendirmek arkaly eskizler döredýärler.

Ylmy - döredijilik meselelerini çözýän bu mowzugyň üstünde işlemek örän kyn. Onuň üstünlikli amala aşyrylmagy köp basgançakly işiň gurnalyşyna baglydyr.

Birinji basgançak - şekillendiriş sungaty boýunça edebiyat bilen tanyşmak, muzeýlere we Türkmenistanyň surätkeşler birleşiginiň we binagärler birleşiginiň sergi zallaryna baryp görmek, görnükli ussatlaryň gadym döwrlerden biziň günlerimize çenli eden işlerini ürç edip öwrenmek.

Türkmenistanyň we bütindünýä binagärleriniň, uly göwrümli eserleri döredýän suratkeşleriniň gymmatly işleri, olaryň binagärligiň bezeg düzümçesi hökmünde döreden adam şekilleriniň ajaýyp nusgalary bize kitaplaryň we suratlar ýygyndylarynyň sahypalaryndan görünýär.

Türkmenistanyň we bütindünýä sungatynyň görnükli nusgalarynyň derňewinden soňra mowzugyň üstünde akwarel eskizlerdäki yzygiderli iş başlanňar. Ilki bilen mowzugyň sýužet pikiri we reňkleriň gurluşy boýunça gözlegi kesgitlemek gerek.

Mowzugy göwnejaý, sýužeti bolsa düşnükli hem-de ony amal etmegiň çeperçilik – tehniki mümkinçilikleri taýdan iň amatly bolar ýaly saýlap almaly. Mysal üçin, halkyň durmuşynda wagtyň hem solduryp bilmeýän wakalary bolýar. Her bir onýyllygyň geçmegi olaryň ägirtligini, bütindünýä taryhynda olaryň kesgitleýji ýoluny has-da aýdyň görkezýär.

Olar hakyndaky hakyda wagta bagly bolmaýar, nesillerden nessillere geçirilip, aýawly saklanmak arkaly asyrlardan asyrlara aşýar. Mowzuklaryň köpüsi häzirki döwrüň adamsynyň köptaraplaýyn işini hässiýetlendirýär, onuň bähbitleriniň dürliligini açyp görkezýär, Kiçi ölçeglerde akwarel tärinde düzüm we reňk sazlaşyklarynyň çözgütleriniň gönüşlerini gözlemek gerek (99-njy surat). Döredijilik pikirini amal etmegiň serişdelerini saýlamak gerek. Bezeg pikiri bilen binagärlik obýektlerini - interýeri ýa-da ekstrýeri - logiki sepleşdirmek meselesini çözmek gerek. (100-nji surat)

Ikinji basgançak-eskiziň gutarnykly gönüşi. Kagyz (ölçegi $^{1}/_{2}$ list) tekizliginde ähli pikiri çyzyklar gönüşinde yzygider şekillendirmek arkaly işlenilip düzülýär. Onda proporsiyalaryň dogrulygyny, perspektiwany, predmetleriň göwrümliligini barlamak hasiýetli aýratynlyklaryny çekmek gerek.



Ýumşak galam (3m-5m) bilen tutuş suratda, formanyň çäkleriniň kölege bilen sepleşýän ýerlerinde aýdyn çyzyklar geçirilýär.

Üçünji basgançak - akwarel bilen çalaja çekmek arkaly reňkleriň dürliligini, olaryň ýyly we sowuk tonlaryny anyk kesgitlemek, çeper eserin reňk öwüşginlerini onuň many-mazmunyna laýyk getirmek.

Dördünji basgançak - ähli düzüjileriň formalaryny ýasamak, ýuwaş-ýuwaşdan reňk taýdan doýurmak we olaryň özboluşly aýratynlyklaryny ýüze çykarmak. Akwarelden başga serişdeleri hem ulanmak bolar. Döredijilik pikirini açyp görkezmek üçin şekillendiriş serişdeleriniň (akwarel, guaş, tempera dürli tärleriň utgaşmasy) ähli çeperçilik mümkinçilikleri ulanylýar.

Mowzuklaryň köpüsi häzirki döwrüň adamsynyň köptaraplaýyn işini häsiýetlendirýär, onuň bähbitleriniň dürlüligini açyp görkezýär. Mowzugy göwnejaý, sýužeti bolsa düşnükli hem-de ony amal etmegiň çeperçilik tehniki mümkinçilikleri taýdan iň amatly bolar ýaly saýlap almaly.

Eskiz - surat nusgasy

Sýužet - çeper eseriň esasy mazmunyny görkezyän wakalaryň toplumy.





**Şäher parçalary**

## 18. Tebigy gurşawda binagärlik obýektleriniň suratyny çekmek

Geçmişiň we häzirki zamanyn ussatlary tebigy gəərşawyn köp sanly tolgundyryjy suratlaryny çekdiler. Öz işlerinde tebigatyň we öz mekanlarynyň owadanlygyny wasp edip suratçylar yeke-bir owadan suratlary döretmän, taze akwarel tehnikalaryny we usullaryny hem ösdürýärler.

**Binagärlik obýektleriniň plenerde suratlandyrylşy.** Dowamly we üýtgewsi ýagtylandyryşly jaýyň içindäki ýerine ýetirilen işden tapawutlykda tebigy gurşawda ýerine ýetirilen suratlaryň iş şertleri üýtgeşik bolýar.

Plener şertlerinde tebigatyň ýagdaýy üýtgewiç, dowamsyz bolýar. Wagtyň ýeten zatlary şekillendirmäge ýetişmeli: umumy ýagdaý, ýeriň we asmanyň tonlarynyň esasy gatnaşyklary, ösümlikleri we jaýlary, ýagty tegmilleri, adamlary we ş.m.)

Bu ýumuşda goýulan esasy maksat garaňky ...... natýurmordyň şekillerini ýerine ýetirmegi we “garalyga” düşman akwarel reňkler arkaly tonuň mümkin bolan çuňlugyny gazanmak.

Bu iki yumuşda esasy üns berilmeli zat, suratyň garaňky ýerlerini doly garalamazlyk we ýagty ýerlerini gereginden artyk ak goýmazlyk. Natýurmordyň garaňky ýerleri dok emma gara bolmaly däl, ýagty ýerleri bolsa ak däl-de açyk reňklerde bolmaly. Öwrenje suratkeş muny aşaky tehniki usullar arkaly başarmagy öwrenmeli:

Reňki birnäçe gat goýmak bilen şeýle hem golaýdaky elementleriň reňkini we ýagtylygy serpikdirýän refleksler arkaly.

Reňki bir gezek korpuslaýyn goýmak arkaly.

**Etýud.** Etýud-suratkeş, arhitektor tarapyndan tebigatdan hakykaty öwrenmek maksady bilen döredilen çeper eserdir. Ol

surat çekmek işlerinde, proyekti döretmekde taýýarlaýyş material bolup gulluk edýar.

Şekillendiriş sungatynda beýik ussatlaryň etýudlary ýokary hilliligi bilen çeper eserler bolup hasaplanylýar.

Etýudlar-detallaşmasyz we formanyň çylşyrymly modelirowkasyz, çintgemesiz, formalary giňleýin birileşmekden ýerine ýetirilýar.

Tebigaty hünärli göz öňüne getirmek we döredijiilikli ýerine ýetirmegi öwrenmek üçin yzygiderli we köp etýud çekmeklik zerur.

**Garalama** – şekillendirişiň esasy – surat (risunok) garalama (nabrosok). Sumo-bir reňkde dürli materiallar bilen şekillendiriş.

Garalama – bu çeper eser, arhitektor ýa-da suratkeş bu eseri galam bilen, kömür galam, ýumşak galamlar, çotga bilen döredýär, we öz eserinde tebigatyň, hakykatyň ilkinji tasirini görkezýär. Etýutdan garalama has manyly, täsirli bolup, gysga, jikme-jikmeklikden azat, hakyky özüne mahsus zatlary siňdirýan eser bolup durýar.

„Surat – garalama sungaty, suratçylygyň, heýkeltaraşlygyň we arhitekturanyň iň ýokary nokady, surat-bütin ylmyň çeşmesi we e s a s y ” – A . Mikelandželo.

Surat çekmegiň we ilkinji nusgalamanyň iki görnüşi bar:

**Gurnama usuly** – zatlaryň göwrümli şekillendirişi diňe çyzyklar bilen çekilýär. **Ýagtylyk** – **kölegeli** – şekillendirilýan zatlaryň göwrümli şekillendirilişi diňe çyzykly görnüşde däl, ýagtylyk – kölegeli görnüşde hem görkezilýär.

Has doly şekillendirişi berýän hakykaty we çylşyrymly suratyň görnüşde şeýle şekillendiriş (suratlandyryş) bir reňkinde diňe bir göwrümiň zatlaryň göwrümli görnüşi, dürli olayň ýagtylygy, üstüniň hasiýeti ýagtyldylmaklygyň aýratynlyklary we giňişlikleyin gatnaşygy. Şu hili suratlandyrma reňk öwüşgin atlandyrylýar.

Çylşyrymly döredijilik prosesinde hünär ussatlygyny ösdürmek üçin yzygiderli köp garalama ýerine ýetimieklik zerur. Dünýa belli suratkeşleriň Rembrandtyň, E. Goyinyň, O. Domýeniň, O. Renuaryň, M. Wrubeliň, W. Serowyň, I. Repinyň, arhitektorlar P. Gonzaginiň, A. Şusewiň, I. Fominiň garalamalary (nabroski) ýokary ussatlylyk we çeper manylygy bilen bellenilýär, ol garalamalar dünýa şekillendiriş sungatynyň inji hazynasyna özbaşdak çeper. Eserler hökmünde girdiler.

**Kompozisiýa** – kompozisiýa diýmek latyn sözünden gelip çykan, we düzme, döretme, ýasama, ýerleşdirme-diýmegi anladýar.

K. Ýuonyň ýazmagyna görär - „ Kompozisiýa – awtor tarapyndan aňly düşünjeli öz teoretiki hyýalynyň düzüminiň ähli böleklerinde çeper beýan etmegiň görnüşi".

Kompozisiýa – döredijilik prosessiň düýbi (esasy), eseriň gymmatlygyny kesgitleýan, onuft ideýalaryny, görnüşini, we mazmunyny, synçylar tasir edýan.

Bu düşünje çylşyrymly we köp manyly.

Suralçylykda kompozisiýa düşünjesini söz bilen düşündürmek kyn suratçylyk sungatynyň ayratynlyklyga görä, suratkeşiň döredijilik aňynda ýüze çykan hadysalary we hakykaty görkezilmegine esaslanan aňynda ýüze çykan hadysalary we hakykaty görkezilmegine esaslanan.

Sazçylykda bolşy ýaly aýran saz jümleleri mukama utgaşýarlar arhitekturada geometriki formalar sazlaşykly utgaşýarlar.

Suratçylykda kyndüşündirilýan kompozisiýanyň kanunlary suratlary döredilende hereket edýärler.

Kompozisiýa duýgusy orän çylşyrymly. Bu sungaty öwretmek kyn. Kabir suratkeşler, sungaty owrenijiler, pedagoklar talap ediji we dürs kada we kanun ýok diýip hasap edýarler. Şonuň üçin bu ýerde öwretmäge zat ýok diýilýär.

Kompozisiýa suratkeşiň duýgurlygyna, düşbüligine bagly, onuň tebigy zehinine bagly.

Ýöne köne sungat akademiyasy öz okuwçylaryny kompozisiýanyň kada-kanunlaryny owredipdi. Indi suratkeş – pedagogla, realistik sungatynyň däp dessurlaryny hormatlaýanlar olary dikeltmek üçin jan çekýarler.

Mysal üçin – M. Menazer – kompozisiýanyň on kadasy bar diýip görkezýär, A.

Deýneka – dokuz, A.Laptew-bäş.

W. Ýakowlewiň aýtmagyna görä biziň şekillendiriş sungatymyzda on iki umumy kompozisiýanyň kanuny bar we kyrk – hususy tematiki kartinanyň kompozision çözgüdiniň kadasy bar diýip belleýär.

Kompozisiýa sada (bir planly) ýönekey gatnaşyjylaryň iň ýakyn şekilendiriş bilen, iki-üç we köp planly kompozisiýalar çylşyrymly süžetler üçin peýdalanýarlar tomaşaçylary perspektiw giňişligiň çuňuna alyp barýan. Olar gutarnykly bolýarlar, sýužet we kompozisiýa hakynda gutarnykly düşünje berýär.



**Binagärlik tebigy gurşawda**



Binagärlik we tebigat

## 19. Içki görnüş (interýer) we reňkli surat

Natýurmort we interýer binagärliginiň aýratyn žanrlary hökmünde öran önden bäri belli. Dürli wagtlaryň suratçylary tematiki döredijilik bilen bir hatarda natýurmortlary jaýlaryň içki görnüşlerini çekipdirler.

Içki görnüşiň suratynda adamyň dürli duýgylary suratlanyp biler: şatlyk, gamgynlyk pikirienme; ol dabaraly ýa-da ýönekey bolup bilyär. Onda hakykatyň biziň durmuşymyza girizýän üýtgeşiklerini görkezip bolýar. Oýuň, sehiň, labaratoriýanyň, dolandyryş jaýyň, klubyň, teatryň, konsert zalynyň içki görnüşleri ýaşaýjylaryň hojalyk ýagdaýyny, olaryň isleglerini we duýgularyny görkezýär.

Jaýyn içki gömüşiniň suraty, plenere, daşarda çekilýän suratlara geçiş

tapgyry bolýar. Açyk penjire ýa-da balkon jaýyn içini daşardaky dünyä bilen baglanyşdyryar. Jaýyn içki görnüşiniň suraty hem natýurmort ýaly özbaşdak ýumuş bolup dürli meseleleri we sýuzetleri bolýar. Meselem şol bir otag dürli ýagtylandyryşda, ýylyn dürli wagtlarynda tapawutly duýgulary emele getirýär we reňkli surat çekmekde türgenleşmäge oňaýly mümkinçilik döredýär. Munuň ýaly ýumuşlarda tomaşaça öz duýguňy akwarel tehnikasyny dogry ulanyp, dogry görkezmäge çalyşmaly.

Jaýyň içki görnüşiniň suraty perspektiwadan belli bir düşünjeleri, çuňlugy we ginişligi görkezmekde, ýagtylandyrylşy we binagärlik şekillerini dürli planlarda görkezmek ukybyny talap edyär. Bu zatlary öwrenmek üçin, ýumuşa birnäçe bölege bölmek gerek.

Plenerde surat çekilende howa gurşawynyň hem renklere täsir edýändigini ýatda saklamaly. Predmetiň öz reňki golaý aradan gowy saýgarylýar, emma ondan uzaklaşdygynça, ol üýtgäp düýbünden başga reňke öwrülip bilýär. Birinji plan çekilende zatlaryň öz reňki möhümdir, yzky planlar çekilende bolsa şertli reňkler has möhüm bolýar. Ak jaýlar bulut ýaly howa sredasyna çümüp sarymtyk reňke eýe bolýar, garaňky reňkli jaýlar gögümtil öwüşgine eýe bolýarlar, sebäbi olaryň önüni howada ýaýran asmanyň reňki ýapýar. Ortaça ýagtylykly zatlar daşlaşdygyça ýylaýar; olaryň kölege tarapy gögerýär. Adaty günüň, gyradeň. ýagtylandayrylşynda, hemme zatlaryň reňki daşlaşdygyça ýitip, gögümtil reňke eýe bolýarlar. Bu reňk daşdaky planda duran hemme zatlara, mahsusdyr.

Eger-de gögümtil şertli reň daşda duran zatlara, gündiz mahsus bolsa, onda agşam we irden daşdaky planlaryň reňkleri saralýar we gyzylymtyl öwüşgine eýe bolýarlar. Sebäbi günüň kese-şöhleleleri güyçli howa gatlagyndan geçip, dok sary reňke eýe bolýarlar.



**Ýokary çylşyrymlykly interýer.** Iş üçin obýektler hökmünde jemgyýetçilik jaýlarynyň, binagärlik ýadygärlikleriniň içki görnüşleri saýlanyp biler, meselem kitaphananyň, şekillendiriş sungatyny mirashanasynyň ýa-da teatryň içki görnüşi we ş.m.

Çylşyrymly interýeriň akwarel suraty aşaky dowamlylykda ýerine ýetirilýär. Natýurrnort ýaly, ilki bilen kompozisiyadan başlaýarlar. Kiçi ölçegli (10x15 asm), bärnäçe sany (biri reňkli) kompozisiýany eskizlerini ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Kompozision çözgüt w sýuzet tapylanyndan soňra, surat çekilip başlaýar: zatlaryň esasy görnüşlerini, masştabyny, kagyzdaky ýerini we giňiişlikde ýeleşişini belleýärler. Surat çekilip bolandan sonra, ol barlanylýar.

Jaýyn içki gömüşiniň suratyny reňkde ýerine ýetirmek üçin, onuň ýagtylanyş kanunalaýyklyklaryny we koloridi göz önüňde tutmak möhümdir.



**Daşky görnüşiň (eksterýeriň) tapgyrlaýyn suraty.** Obýekti we kompozisiýany tapgyrlaýyn ýerine ýetirmegi maslahat berip bolýar.

Bu akwareliň tapgyrlaýyn ulanyş usuly binagärlik obýektleri tebigy gurşawda, kiçi binagärlik şekilleriniň arasynda, meýdançada we binagärlik ansamblynda ýerine

ýetirilende ulanylýar; Emma ýumuş kynlaşdygyça gysga wagtlyk, güýçli tehnika bilen çekilen etýudlary hem çekmeli we kömekçi material hökmünde ulanmaly.

Ýumuşyň ýerine ýetirlmeginiň esasynda bolup biljek motiwler – şäher binagärlik ansambly, seýilgähdäki. binagarlik göwrümi, jaýyn penjireli ýa-da girelgeli diwarynyň bölegi, täze jaýly köçeler, köpri, arka, haýat we çöwdürim, şäher meydançalaryndaky ýadygärlikler.

Binagarlik obýektlerini plenerde görkezmek üçin, çyzykly we howa perspektiwasynyň esaslaryny we gurluşyny, birinji we has yzky planlaryň suratlary çekilende serişdeleriň, dogry ulanylşyny, tebigatda duş gelişi, ýaly sowuk we ýyly reňkleri sazlaşdyrmak usullaryny, tebigy ýagtylandyryşyň aýratynlyklaryny, şeyle hem onuň çylşyrymlylygyny bilmek möhümdir.

Ýagtylandyryşy we töwerekdäki zatlardan, serpikýän reňkleriň netijesinde käbir predmetieriň reňki üýtgeýär, şertli reňk bolýar.

Reňki görkezmek üçin, (meselem, bir tarapyndan gün bilen ýagtylandyrylan, bir tarapyndan bolsa gök asmandan serpigen ýagtylyk bilen ýagtylandyrylan ak reňkli diwaryň burçy) öz reňkine töwerekdäki gurşawda näçe reňk bolsa, şonça hem goşmak gerekli. Ýatda saklamaly zat, ýagtylyk çeşmesi zatlaryň öz reňkine belli, bir gurşaw şertlerinde tasir edyär; irden günüň, ýagtysy hemme zada sarymty-gyzylymtyl reňk berýär, günortan hemme zatlary adatkysyndan açyk reňkli, altyn öwüşginli edýär, agşam bolsa dok sary ýada gyzyl edip görkezýär. Diňe ýaýran ýagtylykda zatlar öz reňkine eýe bolýarlar. Ýagty bulutly gün predmetiň öz reňki we onuň hemme individual öwüşginleri we aýratynlyklary açyk gorünýär. Emma emelei gün ýa-da aý ýagtysy ýagtylyk – kölege täsirini baýlaşdyrýar.

Zatlaryň öz reňki (ýaýradylan ýagtylykda) ýagtylandyrylan ýerlerde gowy duýulyar, emma serpigen ýagtylyk bilen -

reflekslar bilen ýagtylandyrylan ýerlerde ol gowy bildirmeýär. Çuňluk we giňişlik suratlandyrlanda perspektiwa we üç ölçeglilik suratlandyrylanda şertli reňkler esasy ýeri. eýeleýärler. Tekiz suratda şertli reňkler ikinji plana geçýär.







**Binanyň eksterýer şekiliniň tapgyrlaýyn ýerine ýetirilişi**

## 20. Çylşyrymly plastiki şekiliň öwrenilmeginde akwarel suraty (adamyň suraty)

Adamyň suratyny çekmek iň kyn mesele bolup durýar. Adamyň suratyny reňkli çekmezden öň, ilki bilen ony bir reňkde çekmegi başarmaly. Suratda şekil öwrenilýär, anatomiki gurnamanyň analizy geçirilýär we naturanyň reňk häsiýetnamasy şertli anyklanylýar. Onuň ýagtylandyrylşy hem şertli görkezilýar.

Suratda şekil we gurnama fonsyz, diňe çyzyklaýyn görkezilip biler. Çotga bilen işlenende, şekili fondan üzňe dälde, hökmany suratda daşky gurşawy bilen bile görkezmeli.

Adamyň kellesinin reňkli suratyny çekmek. Çylşrymly plastiki şekiliň - adamyň kellesiniň reňkli suraty anatomiki gurnama baradaky, kelleçanagyň gurluşyny, myşsalar ulgamynyň gurluşyny we ýüzde detallaryň yerleşini bilmeklikde esaslanmaly. Şeýle hem gips kellesi çekilende owrenilen perspektiwa kadalary hem ulanylmaly.

Çalt etýud üçin janyly suratyň şekilini arkaýyn ýagdaýda tebigy ýagtylyk bilen ýagtylandyryp oturtmaly we güýçli tehnika bilen çekmeli. Diri kelläniň reňkli suraty çekilende bu tehnikanyň ýetmezçiliklerini etýud görkezer.

Güýçli tehnika bilen adamyň diri kellesiniň baý reňk nýuanslaryny dogry görkezmek üçin bu tehnikada kan işlemeli.

Adamyň kellesini çekende ýalnyşlyklar bolmaz yaly owrenjelerden talap edilýän zatlar:

Lessirowka tehnikasy bilen işlemek, ýagny reňk tegmillerini tapgyrlaýyn goýmak;

Lessirowka tehnikasynyň esasy ýagdaýlary düşünileninden soňra, ony tapgyrlaýyn ýerine ýetirip başlaýarlar.

I tapgyr - surat. Kelläniň umumy we ýüzüň aýry detallarynyň aýry-aýry detallarynyň agramy çyzykly

bellenilýär. Has we düşýän kölegeleriň çäkleri bellenilenden soňra, ýeňil ştrih bilen kölege tekizlikleri goýulýar. Galyň çyzyk bilen bolsa ýüzüň detallarynyň: burnuň, gözleriň, agzyň, gulaklaryň şekilleriniň kölege çäkleri bellenilýär.

II tapgyr - suraty bütünleýin bir gezek reňklemek. Onuň reňk
häsiýetnamasy anyklanylýar.

III tapgyr - modeliň ýagtylyk kölegesi boýunça ikinji gezek reňklemek.

IV tapgyr - kelläniň iň ýagty ýerinden iň garaňky ýerlerine çenli sekilini emele getirmek.



**Gyzjagazyň portretiniň tapgyrlaýyn ýerine ýetirilişi**



**Gyzjagazyň portretiniň tapgyrlaýyn ýerine ýetirilişi**

**Adamyň eşikli suraty.** Çalt etýudy ýerine ýetirmek üçin, model saýlamaly. Adamyň eşikli sekilini çekip, suratçy çylşyrymly plastiki sekilini ýerine ýetirmegi öwrenýär.

Naturany ilki kagyzda çekmeli. Esasy ünsi sekiliň gurluşyna, onuň gurnamasyna we esasy bölekleriniň ölçegleriniň dogry anyklanylmagyna bermeli. Suratda hemme ownuk bölekleri görkezmäge çemeleşmeli däl. Bu ýagdaýda suratkeş suratyny ynamsyz, bölekleýin reňkleyär. Munuň netijesinde bolsa surat öz maksadyny ýitirýär.

Eger-de surat çekilip, ýuwulyp guradylan bolsa, onda reňk ulanmaga başlap bolar. Ilki bilen natura seredip ýagty ýerleri kölegeler bilen deňeşdirmeli. Suratyň iň ýagty ýerini we iň garaňky ýerini anyklamaly.

Suratyň jemleýji tapgyry - çekilen etýudy umumylaşdyrmak, birleşdirmek.

Bu ýumuş aşaky tapgyrlardan ybaratdyr:

- Aleme gidýän nokatlara laýyklykda otagyň we onda duran her-bir zadyň burçyny dogry gurmak;
- Giňişlikde ýerleşýän her bir zadyň ýerini dogry gurmak we bellemek;
- Her-bir zadyň takyk ölçeglerini anyklamak;
- Has kölegeleriň we düşýän kölegeleriň çäklerni anyklamak.
- Suratyň we reňkli suratyň tapgyrlara laýyklygyny barlamak.

# BÖLÜM II. BINAGÄRLIK KOLORISTIKASY

## 1. Reňk medeniýeti sistemasynda arhitektura koloristikasy

Adam hemişe tokaýa, sähra, çöle, daragtlara, asmana mahsus bolan reňkleriň täsirine dahylla bolýar. Oňa günüň dowamynda ýagtylygyň üýtgän özgermeginden tebigatyň reňkleriniň hem üýtgäp özgermegi täsir edýär.

Töwerekleýän gurşawyň jaýdar saýlanylyp alynan ýagtylygynyň ýa-da reňkiniň adamyň süňňüniň eňledip keýpini sag edýänligi, gujurlanmykda, işewürligini artdyrmakda, saglygyny – saklamakda ähmiýetiniň biçak ulydygy ygtybarly subut edilendir.

### Arhitektura semanitikasy

Islendik arhitektur eseri, diýeli şäher, aýry-aýry jaýlaryň, diňe bir içki manysyny häsiýetlendirmek bilen çäklenmän, eýsem-de bolsa formanyň köpgörnüşliginiň gitdigiçe üýtgeýändiginden ugur almaga hakyky mümkinçilikleri berýän alamatlar sistemasyna eýedir.

Semantika (grek – görkezýän) gyşarnyksyz manyly bir zat.

Islendik arhitektura eserlerini döretmäniň meýliniň esasy maksady – giňişlikdir.

Binagärligi esasy semantic dili hökmünde manyly daýgunlaşdyurlan we belli bir funksiýa tabynlaşdyrlan giňişlik düzümini alsa bolar.

1. Giňişlik, tükeniksiz köpdürli, belli bir many bilen doýgunlaşdyrlyp kesgitli funksional meselelere tabynlaşdyrlan giňişlik düzümi arhitekturanyň esasy alamatydyr.

2. Arhitektura eseriniň funksional manysynyň durmuşa has doly girizilenligi material gabykda däl-de giňişlikde eşgär bolup öz beýanyny tapýar.
3. Arhitekturanyň häzirki ösüş tapgyrynda giňişlik faktoryna has uly üns berilýär.

Şol bir wagtda-da belli bir duýgu reňki gaýylmazdan Kabul edilýän habarberliş maglumatlara baha bermek adama başartmaýaram. Islendik giňişlik formasynda (şeýle-de islendik çeper eseriň formasynda) habarberliş maglumatlaryna özleşdirmäge mümkinçilik berýän iki aspect bolýar: semantiki hem estetika.

Arhitektura formasynyň semantic maglumaty öňi bilen logiki, material we many mazmunlaryny açyp görkezýär. Eger-de şäher gurluşyk häsiýetine töwerekleýän giňişlik gurşawyna siňe syn edilse, şonda maglumatyň semantic aspekty şonuň many mazmunyny, funksiýay we material düzüminiň guruluş esaslaryny öz içine aýlanýanlygyna göz ýetirse olýar.

Çylşyrymly giňişlik formasynyň manysynyň mazmunyny häsiýetlendirmek üçin şähergurrluşyk praktikasynyň memorial ymaratlarynyňtaryhyndan birnžçe mysala ýüzlenip göreliň.

Baryp t.ý. öňki 4-3 – müňünji ýyllaryň, 423-nji ýyllarynda Türkmenistanyň çäklerinde Gara-depe (Göksüýri) ýaly neolit obalarda içleri gyzyl-gara reňkler reňkler arkaly geometric keşdeler bilen haşamlanylan maşgala ýaşan köpotagly jaýlar(Ýassy-depe, Enew-I) ýaly obalarda agdyklyk edipdir. T.ý. öňki I-nji müňýyllygyň I-nji ýarymynda Türkmenistanyň çäklerinde şäherler döräp, göz-görtele saýlanyp, soňra şolaryň daş-töweregi jaý gurluşygyndan doldurylýar. T.ý. öňki 6-4 aa. şäherleriň daşyna berk gala diwarlary galdyrylypdyr (Küýzeli gyr) 5-7 aa. Türkmenistanyň çäklerinde irki feudal medeniýeti ösüp başlaýar. Köpsanly berkidilen feudal – mülkleri gurulyp, emeli düşekde diwarlary gasynlaýyn edilen ikigat galalar bina edilipdir. Gurluşyk sistemasynyň şu mysallarynyň ählisi semantic alamat bilen

aňrybaş doýgynlaşdyrylandyr. Şeýle doýgynlaşdyrylmanyň şäherlere tiz wagtyň içinde tertip-düzgüni we däp-dessurlary dikeltmägi mümkinçilik berenligi hem täsi ýagdaýdyr.

Şeýle oba-şäherleriň giňişlik düzüminiň köpdürli derejesinden şäher içiniň patriarchal baýarlygynyň, şäherigi aragatnaşygynyň täsirleri deslapdan kesgitlenilýär Memorial arhitekturanyň jümmişlerinde semanitik dartgynlygyň mysaly hökmünde müsürdäki (Ýegipetdaky) Heopsyň meşhur piramidasyny getirse bolar (t.e. öňki IIIý.)

Käbir barlaggylar piramidalar meşhur faraonyň (şanyň) jesediniň Žaýlanan ýeri diýilip ýüzlerçe ýyl dowam edip gelen düşünjäni raý edip, şonda Heopsyň mumiýasynyň hiçhaçan bolmanlygyny tekrarlaýarlar.

Heopsyň piramidasy – bu jaýlamagyň yşaraty. Munda-da daşary gadymy müsürlileriň älem-jahan gurulşy baradaky düşünjeleriň nyşan görnüşindäki durmuşa girizilmelidir.

Bu äpet monumentiň giňişlik düzümi semantic many bilen aňrybaty doýgunlaşdyrylyp, gövrümi we köpgyraňlygy bilen faraon Heopsyň mumiýasynyň jaýlandy diýilýän hyzmaty ýerine ýetirip ýören düşünjäni açyp görkezýän maglumatlaryň çäginden juda uzaga gidýär.

## 2. Reňk garmoniýasy we utgaşdyrma (kombinatorika)

Reňk çözgüdi saýlanylyp alynanda suratkeşi we binagäri öňi bilen gyzyklandyrýan zat reňkiň estetik täsir edişidir.

1. Aýry reňkiň ýa-da reňk toplumynyň ýönekeý estetik täsiri – bu ýagtylandyrylma we giňişligiň çuňlugyna baglylykda zadyň reňkini özgertmekdir.
2. Umumy çeperçilik – estetik täsir hasda uly bolmadyk fragmentde-de birnäçe reňkler utgaşyşyp biri=irini güýçlendirýärler ýa-da gowşadýarlar. Dürli reňkleriň göwnejaý düzülen

toparyna Kkombinatorika diýilýär. Eger-de reňke estetik nukdaý – nazardan garaşaň, onda şonuň ýuwaş-ýuwaşdan beýleki bir derejä geçişiniň üç görnüşini gorse olar.

a) – kombinatorikany, ýagny adaty estetik kanunlary boýunça reňkleriň toparyna.
b) – sazlaşygy
c) – hereketdeligini (dinamikalygy)

Utgaşdyrylyş (kombinatorika)

Reňkelri utgaşdyrmak – beýle diýmek köpdürli reňklerden birnäçeseni saýlap utgaşdyryp, toparlap täsirliligi boýunça şol utgaşdyrylmanyň belli ir kesgitli duýgyny, meselem janlylygy ýa-da birmeňzeşligi, ýylyny ýa-da döwrüň duýar ýaly etmelidir.

Reňkleriň sazlaşygy

Reňk çözgüdini sazlaşyklyamala aşyrmak ýönekeý estetiki kanunalaýyklyklaryň manysynda dürli reňkleriň utgaşdyrylşyny göz öňünde tutýar.

Reňki görkezmegiň dinamikasy

Käbir reňklerden we reňk utgaşdyrylandan güýç, energiýa çykýan ýaly duýulyp, adama psihofiziologika täsirini etirýär. Reňkiň täsir edişi hemme adama birmeňzeşdir. Reňk duýulşynyň güýçligi, ýagny onuň täsir dişiniň derejesi faktorlaryň birgiden hataryna bagly bolýar.

1. Reňk toparyndaky reňkiň täsiri welin ýagdaýlyrak bolýar.
2. Reňkiň psihofizik täsiri: reňkiň az-kän doýgunlaşdyryşyna (goýazylaşdyrylşyna, reňkli ýüzüň möçeberine, reňkiň täsirini ýetirip bilýän aralyga täsir ýetirýän tarapynyň ugryna, aşakdanmy ýokardanmy ýa-da gapdaldanmalygyna köpderejede bagly bolýar.

3. Reňkiň täsir ýetirişiniň güýçliligi adamyň keýpine, şähtine, gylyk-häsiýetine we çyzyş-duýgularyna bagly bolýar.

### 3. Kontrastlaryň aýry görnüşleriniň täsiri

Güýçli kontrastlarda (goýylyklar) aýdyňlyk, takyklyk, ynamlylyk, gujurlylyk we berdaşlyk duýgusyny döredýär.

Gowşak (ýumşak) kontrastlar ýumşak, düşnüksiz, nämälim duýgulary döredýär.

Gaýtalanýan kontrastlar:

1. “Ýylysy – sowguçy”
2. “Aktiwlary – passiwlary”
3. “Ýakynlary – uzaklary”
4. “Owazlylary – sessizleri”
5. “Gurylary – çyglary”
6. “Ýaýrawlaganlary – jemlenýänleri” (ýygjamlanýanlary)
7. “Agyrlary – ýeňilleri”
8. “Durgunlylary – hereketlileri”
9. “Öjükdirijileri – köşeşdirijileri”

### 4. Şäheriň reňk gurşawyny formirleýän faktorlar

TEBIGY – HOWA HÄSIÝETLERI

Tebigat landşaftyndaky reňk howdanyň tebigy komponentleri bile şäher gurluşyk işleriniň köpgörnüşli önümleri bilen bilen arabaglanşygynyň barlygyny belläp geçeliň: bir tarapdan relýefiň, suw howdanlarynyň, gök ekinleriň, mikroklimatynyň, beýleki birtarapdan – şäheriň düzümleri we onuň gurluşyklary.

Şäheriň landşafty. Şuňa bir tebigat çäkleriniň maglumaty bilen şähergurluşyk işleriniň netijesinde esaslandyrylan

utgaşdyrylma diýip düşünýäris. Şäheriň şu hili ikidürliligi onuň polihromiýasyny hem ikidürli edýär.

Tebigy atmosfera gurşawyň komponenti hökmünde ol islndik teigy ýa-da emeli landşafty birleşdirmäge ukyplydyr.

Relýef tebigy landşaftyň reňk hodanynyň düzümine lomat täsir edip, reňk gelejegini nygtaýan giňişlik planyny ugrudyrýar.

## Arhitektura polihromiýasynyň howa ýagdaýlaryna şertlendirilşi

Tebigatyň ilkinjiligini nazarda tutyp, öňi bilen gün ýagtylandyryşy şöhlesiniň güýçlidigine bagly bolýar. Güýçli ýagtylyk hem-de tozanyň agdyk basyşy reňkiň doýgynlygyny, geýazylygyny we gözüň seljerýän reňk öwüşgünlerini aksowuldyrak edip solak görkezýär. Orta Aziýayň polihrom kompozisiýalary (tegelekdäkileri) gabat garşysyndaky ýa-da goňşy reňklere utgaşdyrlyp gurnalýar.

## Şäherguluşyk formalaryň funksional dolylygy

Şäherguluşyk formasynyň göwrüm-giňişlik düzümi şäheriň geljekki reňk gurşawynyň ösüşiniň häsiýetlerini dolylykda hem özbaşdak kesgitläp bilmeýär çüňki ol funksional dolylykdan “Adamlaşdyrylmadan” mahrum edilendir.

Şäher ilatynyň giňişligi özleşdirmekdäki depgini ýokarylyk bilen häsiýetlenýän iş – aladalarynyň esasy prosesslerini guçdamlaýjy, belli bir derejede durnukly düzüm emelegetiriji sistemany atlandyrmak üçin “KARKAS” adygasy teklip edilýär. Karkasy aýdyňlaşdyryp ýüze çykaryp, şonuň formirlenilşini ugrukdyýan ŞG-nyň esasyny ýa-da dokumasyny emele getirýän şäher gurujy galan ähli komponentlere has netijeli hem öňleýji täsir edip bilýär.

Şäheriň “Adamlaşdyrlan” göwrüm-giňişlik düzümi polihromiýadan daşary olup bilmeýär, şonuň üçinem biz şäheriň töwerekýän gurşawyň reňkine – sosial wakadyr diýip arkaýyn aýdyp bileris.

## Reňk we şäheriň özenli formalary

Şäheriň gurşawyyň formirlenmegine bitewilik bilen giňişlik täsir edýär. Bitewi formalar monohromiýanyň aram böleklendirilen – has aktiw polihromiýasynyň formasyny çakladýar.

Aýry jaýyň we jaýlar kompleksiniň derejesinde amala aşyrylýan “meňzeşlikler boýunça” geçirilýän prinsipler. Reňk haşary şonuň funksional hem konstruktiw manysyny dogry beýan etmäniň esasynda umumy kompozision hatara – göwrüm – giňişlik düzümine garaşly bolmaly.

## Kontrastda utgaşdyrylşyň prinsipi

Ýüzüň tektoniki gurulşy bilen kontrastlaşýan reňkli suratlar biz Ispaniýanyň we Orta Aziýayň keramikasynda, Italiýanyň mozaiki mermer buthanalarynda topýarys (görýäris).

Reňk başga kanunlara tabyn bolup özüniň aýratyn temasy (mazmuny) bilen ýaňlanyp biler – forma bilen paralelligi hökmany däl-de, ýöne şowuň bilen keslişibem biler.

Şu ýerde arhitektura formirlenşiniň prosessinde reňkiň kompozision elementi göz-görtele eşgär bolýar.

Reňklisaz taglymatçylaram edil şeýle netijä gelipdirler. Şolar reňk liniýasynyň ses liniýasyny gaýtalamaly däldir diýen netijä gelipdirler.

Edil şu ýykgyn supergrafika wakany hem durmuşa girizipdir. Supergrafika formanyň, döredilen kompozision bitewliginiň häsiýetini dinamiki özgerdýär.

Dürli derejedäki göwrüm – giňişlik formalar – jaýlar, jaýlaryň toplumy, tutuş şäher – polihromiýanň özbaşdaklygynyň dürli çäreleriniň çykarylmagyny çäklendirýär. Şol çäreler jaýyň polihromiýasy üçin ýetermek dereje ulam, kompleksleriň polihromiýasy üçin kiçem bolup biler. Şäheriň polihromiýasynda has yjypsyzam bolup biler.Kanunalaýyklygyň özi şeýle.

## Şähergurluşyk formasyny duýmak

Şähergurluşygyň kämil frmasy şäheriň düşünilip tanalynagy üçin aýdyňlygy we formanyň elementlerini giňişlikdäki belli bir ýa-da waka  bilen baglanyşdyrmany, ýeilleşdirmäni talap edýär. Şähergurluşyk formasy elementleriň aýdyň düşünilýän kysymlaryna bölünýär. Şeýle kysymlar bäş sanydyr: ýollar, çetler ýa-da serhetler (çäkler), etraplar, çatlymlar we ugurgörkezijilerdir. Şu elementleriň ählisi arabaglanyşykda  bolup, biri-birine urnalynýar.

Hereketdäki kabulediliş. Arhitektura gurşawyna heretde düşünmek üçin (pyýada we ulag) görülýän (gözden geçirilýän) kadalaryň yzygiderliginiň ulgamdaky konfigurasiýasynyň, düşürlen (dikilen) nazarlaryň nokatlaryň, şony formirleýän gurluşygyň hem-de tomaşaçynyň aralygynyň, gurluşyk geçirilşiniň usulyyň ähmiýeti diýseň ulydyr. Herektdäki arhitektura gurşawynyň dowamlylygyny döretmekde şonuň polihromiýasy möhüm roly oýnaýandyr.



**Nýuans Kontrast**



**Reňkleriň reňk aýlawynda ýerleşişi. Ýagtylyk we dartgynlyk**



**Şäheriň reňk öwüşginliginiň yzygiderli işlenmeginiň 1-nji usuly**



**Şäheriň reňk öwüşginliginiň yzygiderli işlenmeginiň 2-nji usuly**



**Forma we onuň dargamagy**

## Edebiýatlar


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin“ Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasy. „Türkmenistan“ gazeti, 2003-nji ýylyň 27-nji awgusty.
9. „Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy“. Aşgabat, 2006.
10. Волков Н.Н. Композиция в живописи. Москва, 1977.
11. Голубева О.Л. Основы композиции. М., 2001.
12. Ефимов А.В. Колористика города. Москва, 1990
13. Ревякин П.П. Техника акварельной живописи. Москва, 1959

## MAZMUMY


1.Sözbaşy.........................................................................7
2. Bölüm I. Reňkli surat.
Reňkler baradaky taglymatyň gysgaça taryhy
syny.............................................................................10
3. Reňk bilen işlemek..........................................................12
4. Ýyly we sowuk reňkler……...............................................18
5. Reňkleriň kybapdaşlanmagy..............................................19
6. Ýalpyldylar we duýgylar...................................................21
7. Döredijilik ugry (žanr).......................................................23
8. Keşp (figura)……………………………………….31
9. Kybapdaşlyk ölçegi..........................................................32
10. Gözýetim (perspektiwa)...................................................34
11. Şekillendiriş materiallaryň tehniki
aýratynlyklary....................................................................36
12. Binagärlik grafikasynyň çeperçilik-tehniki
usullary...............................................................................43
13. Kombinirlenen usullar nakgaşlykda................................48
14. Kombinirlenen usullar binagärleriň
döredijiliginde.....................................................................51
Kompozisiýanyň esasy kanunlary.........................................56
16. Natýurmort boýunça akwarel
türgünleşmeler......................................................................58
17. Akwarel reňkiniň şekillendiriş
koloriti.................................................................................61
18. Adam şekili - binagärligiň ölçeg düzümçisi
hökmünde............................................................................70
19. Tebigy gurşawda binagärlik obýektleriniň suratyny
çekmek................................................................................74
20. Içki görnüş (interýer) we reňkli
surat....................................................................................79

21. Çylşyrymly plastiki şekiliň öwrenilmeginde
Akwarel suraty(adamyň suraty)..........................................85
22. Bölüm II. Binagärlik koloristikasy Reňk medeniýeti
sistemasynda arhitektura koloristikasy..................................89
23. Reňk garmoniýasy we utgaşdyrma
(kombinatorika)……………………………………………….91
24. Kontrastlaryň aýry görnüşleriniň täsiri…………….……....93
25. Şäheriň reňk gurşawyny formirleýän
faktorlar.......................................................................................93
Edebiýatlar..................................................................................102